**A. Annaorazow, A. Annamyradow, O. Ataýew**

# BUHGALTER HASABYNYŇ NAZARYÝETI (MESELELER ÝYGYNDYSY)

Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw gollanmasy

**Türkmenistanyň Bilim ministrligi tarapyndan hödürlendi**

**Aşgabat**

**Türkmen döwlet neşirýat gullugy**

**2009**

**A. Annaorazow, A. Annamyradow, O. Ataýew**

**Buhgalter hasabynyň nazaryýeti (meseleler ýygyndysy).** Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw gollanmasy.–A.: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2009.

Buhgalter hasabynyň nazaryýeti (meseleler ýygyndysy) okuw gollanmasynda hojalyk serişdeleriniň toparlara bölünişi, buhgalter balansy, hasaplar we jübüt ýazgy, esasy hojalyk işleriniň hasaby, resminamalaşdyryş we tükelleme geçiriş, hasap belliknamalary we buhgalter hasabynyň görnüşleri boýunça meseleler, olaryň işleniş usullary getirilýär.

Okuw gollanmasy ykdysady hünärler boýunça ýokary, ýörite orta okuw mekdeplerinde okaýan talyplar, telekeçiler we buhgalter hasabyny özbaşdak öwrenýänler üçin niýetlenendir.

Okuw gollanmasynda getirilen mysallarda şertli maglumatlar ulanyldy.

A.Annaorazow we başg., 2009.

# G i r i ş

Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň ýolbaşçylygynda ýurdumyzyň bazar ykdysadyýeti ösüşiň, özgerişiň täze döwrüne gadam basdy. Täze Galkynyş eýýamynda dürli görnüşdäki eýeçilige degişli we hukuk taýdan guramaçylygy birmeňzeş bolmadyk kärhanalar ýüze çykdy we olar häzir işjeň hereket edýärler .

Ykdysadyýetde bolup geçýän üýtgeşmeleri, ösüşleri hasaba almaklyk zerurlygy jemgyýetçilik gurluşlaryň ählisinde bolup geçdi. Sebäbi ykdysadyýetiň ösmegi bilen adamlaryň maddy hal-ýagdaýlary gowulanyp, olaryň köp bölegi öz hususy ýa-da şärikli kärhanalaryny döredýärler. Olar üçin kärhanada amala aşyrylýan hojalyk işleri baradaky maglumatlar örän wajypdyr. Bu maglumatlary diňe buhgalter hasabynyň üsti bilen öwrenip bolýar. Şonuň üçin buhgalter hasaby telekeçiligiň dili hasaplanýar.

Ykdysadyýetdäki bu özgertmeler buhgalter hasabynyň ähmiýetini has ýokary galdyrdy. Buhgalter hasabynyň maglumatlaryna aýdyň düşünmek üçin özbaşdak we mugallymlaryň ýolbaşçylygynda meseleleri çözmeklik uly ähmiýete eýedir.

Okuw gollanmasynda hojalyk serişdelerini we olaryň emele gelen çeşmelerini, hojalyk işleriniň netijelerini we olaryň ulanylyşyny hasaba almak üçin buhgalter hasabynda ulanylýan usullar boýunça birnäçe mysallar, bilimiňi özbaşdak barlamak üçin barlagnamalar getirilýär.

## 1-nji tema. Buhgalter hasaby we onuň ykdysadyýeti dolandyryş ulgamyndaky orny

### Sapagyň maksady

Bu tema boýunça mesele çözmek göz öňünde tutulmansoň, amaly okuwy alyp barýan mugallym talyplaryň umumy okuwda seredilen soraglary özleşdiriş derejelerini bilmek maksady bilen söhbetdeşlik geçirýär. Munuň üçin aşakdaky soraglardan peýdalanmaly bolar:

1. Hasap düşünjesi.
2. Hasapda ulanylýan ölçegleriň görnüşleri.
3. Hasabyň görnüşleri we olaryň häsiýetnamalary.
4. Hasaba bildirilýän talaplar.
5. Kärhanany dolandyryş ulgamynda buhgalter hasabynyň orny.

## 2-nji tema. Buhgalter hasabynyň predmeti we usullary

### Sapagyň maksady

Buhgalter hasabynyň öwrenýän obýektlerini – kärhanalaryň serişdelerini, olaryň emele gelen çeşmelerini, hojalyk işleriniň düzüm böleklerini we hojalyk işleriniň netijelerini özleşdirmek. Bu obýektleri öwrenmek üçin ulanylýan şu aşakdaky usullary bilmeklik, olary häsiýetlendirmek we olaryň arabaglanyşygyny öwrenmek: resminamalaşdyryş we tükelleme, bahalamak we düşýän gymmaty hasaplamak, hasaplar we jübüt ýazgy, balans we hasabat.

Temany özleşdirmek üçin aşakdaky mysallary işlemeli.

**2.1-nji mysal**

Hojalyk serişdelerini (aktiwleri) görnüşleri we ýerleşen gurşawlary boýunça toparlamak.

**Mysalyň maksady**: hojalyk serişdelerini (aktiwleri) buhgalter hasabynyň binýatlarynyň biri hökmünde hojalyk işleriniň gidiş yzygiderliligi, ýerleşýän gurşawlary we ýerine ýetirýän wezipeleri boýunça toparlara bölmek.

Aşakda getirilen maglumatlaryň esasynda hojalyk serişdelerini (aktiwleri) olaryň görnüşleri, ýerleşen gurşawlary we ýerine ýetirýän wezipeleri boýunça 2.1-nji tablisa laýyklykda toparlara bölmeli.

*2.1-nji tablisa*

| T/b | Hojalyk serişdeleriniň (aktiwleriň) atlary | Pul möçberi (manat) | Ýerleşen gurşawy we ýerine ýetirýän wezipeleri | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | Önümçilik | | Dolanyşyk | | Önümçilige degişli däl | |
| | | | Uzak möhletli (aýlanyşykdan daşary) aktiwler | Gündelik (aýlanyşyk) aktiwler | Uzak möhletli (aýlanyşykdan daşary) aktiwler | Gündelik (aýlanyşyk) aktiwler | Uzak möhletli (aýlanyşykdan daşary) aktiwler | Gündelik (aýlanyşyk) aktiwler |
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 | 7 | 8 | 9 |
| 1. | Ýaşaýyş jaýy | 2201600 | | | | | 2201600 | |
| | ……… | | | | | | | |
| | Jemi | | | | | | | |

**Mysallaryň işlenişi boýunça ugrukdyrma:** hojalyk serişdeleriniň (aktiwleriň) görnüşleri, ýerleşen gurşawlary we ýerine ýetirýän wezipeleri boýunça toparlara bölünmegi şol goýumlaryň önümçilige, dolanyşyga we önümçilige degişli däl gurşawa bolan ugruny görkezýär.

2.1-nji mysal işlenende 2.1-nji tablisanyň 2-nji we 3-nji sütünlerinde hojalyk serişdeleriniň (aktiwleriň) atlary we pul möçberleri görkezilýär. 4-9-njy sütünlerde hojalyk serişdeleriniň (aktiwleriň) pul möçberleri olaryň ýerleşýän gurşawlary we ýerine ýetirýän wezipeleri (uzak möhletli, gündelik ýa-da gysga möhletli) boýunça görkezilýär. 4-9-njy sütünleriň maglumatlarynyň jemi 3-nji sütüniň jemine deň bolmalydyr.

**Mysaly işlemek üçin maglumatlar:**

*2.2-nji tablisa*

| T/b | Hojalyk serişdeleriniň (aktiwleriň) atlary | Pul möçberi (manat) |
|---|---|---|
| 1. | Ýaşaýyş jaýy | 2201600 |
| 2. | Sowadyjy enjamlar | 12600 |
| 3. | Gurluşyk materiallary | 24000 |
| 4. | Taýýar önümler | 240000 |
| 5. | Paýnamalar (1 ýyldan köp möhletli) | 300 000 |
| 6. | Zawodyň dolandyryş jaýy | 3960000 |
| 7. | Agaç materiallary | 48600 |
| 8. | Ofis mebelleri | 37000 |
| 9. | Harytlar we gaplar | 501600 |
| 10. | Ýük awtomobilleri | 840400 |
| 11. | Ätiýaçlyk şaýlarynyň ammarynyň jaýy | 841000 |
| 12. | Kompýuterler | 164000 |
| 13. | EHM üçin programma üpjünçiligi | 49000 |
| 14. | Kassadaky pullar | 30600 |
| 15. | Ýylmaýjy stanoklar | 790000 |
| 16. | Ätiýaçlyk şaýlary | 29800 |
| 17. | Bankdaky hasaplaşyk hasabyndaky pul serişdeleri | 350000 |
| 18. | Kärhana ýetiren zyýanynyň öwezini dolmak boýunça işgäriň bergisi | 3000 |
| 19. | Benzin A-95 | 284000 |
| 20. | Alyjylaryň alan harytlary üçin bergileri | 167000 |
| 21. | Syrçaly bedreler | 7000 |
| 22. | Obligasiýalar (10 ýyllyk möhletli) | 960000 |
| 23. | Önümçilik sehiniň jaýy | 500000 |
| 24. | Daşary ýurt pullarynyň hasabyndaky pul serişdeleri | 84000 |
| 25. | Kassa apparaty | 44000 |
| 26. | Seýfler | 15600 |
| 27. | Gurluşygy tamamlanmadyk önümçilik sehine edilen harajatlar | 1680000 |
| 28. | Kanselýariýa harytlary | 5000 |
| 29. | Tamamlanmadyk önümçilige çykdajylar | 241000 |
| 30. | Esasy materiallar | 260000 |
| 31. | Alnan wekseller | 301200 |

**2.2-nji mysal**

Bu mysalyň işleniş usuly 2.1-nji mysalyňky ýalydyr.

**Mysaly işlemek üçin maglumatlar:**

*2.3-nji tablisa*

| T/b | Hojalyk serişdeleriniň (aktiwleriň) atlary | Pul möçberi (manat) |
|---|---|---|
| 1. | Bankdaky hasaplaşyk hasabyndaky pul serişdeleri | 100600 |
| 2. | Benzin | 46800 |
| 3. | Iým taýýarlaýjy sehiň jaýy | 1880000 |

| | | |
|---|---|---|
| 4. | “Akmaýa” paýdarlar jemgyýetinden süýt üçin algylar | 186200 |
| 5. | Kärhana degişli dükanyň jaýy | 1280000 |
| 6. | Ýük ýükleýän maşynlar | 421000 |
| 7. | Mineral dökün (korbamit) | 56400 |
| 8. | Kompýuterler | 161400 |
| 9. | Kombaýnlar | 960400 |
| 10. | Harytlar | 70400 |
| 11. | Satlyk materiallar | 21000 |
| 12. | Kassadaky nagt pullar | 16400 |
| 13. | Bede | 30600 |
| 14. | Sement | 12400 |
| 15. | Gurluşyk çüýleri | 4800 |
| 16. | Maldarçylyk toplumynyň jaýy | 2500 000 |
| 17. | Geljek ýylyň hasyly üçin çykdajylar | 147600 |
| 18. | Ýörite geýimler (halatlar) | 16800 |
| 19. | Dürli görnüşli bedreler | 4600 |
| 20. | Söwda gapanlary | 64400 |
| 21. | Işgärleriň iş saparyna gitmek üçin alan pullary boýunça bergileri | 20400 |
| 22. | Tohumlyk bugdaý | 184800 |
| 23. | Traktorlar | 285600 |
| 24. | Taýýar önümler | 76400 |
| 25. | Dizel ýangyjy | 84000 |
| 26. | Kalkulýatorlar (hasaplaýjy maşynlar) | 1200 |
| 27. | Awtomobil gapanlary | 221000 |
| 28. | Ýük çekýän awtomobiller | 321000 |
| 29. | Kanselýariýa harytlary | 3600 |
| 30. | Kassa apparaty | 49600 |
| 31. | Paýnamalar (möhleti 5 ýyl) | 300000 |
| 32. | Sygyrlar | 1961000 |
| 33. | Tabşyrylan mallar üçin et kombinatyndan algylar | 220800 |
| 34. | Işgärleriň hojalyk çykdajylary üçin kassadan alan puly boýunça bergileri | 5000 |
| 35. | Çagalar bagynyň jaýy | 2360000 |
| 36. | Mineral suwlary gazyp almaga rugsatnama | 40000 |

**2.3-nji mysal**

Hojalyk serişdeleriniň (aktiwleriň) görnüşleri we ýerine ýetirýän wezipeleri boýunça toparlara bölünişi.

**Mysalyň maksady**: buhgalter hasabynyň öwrenýän binýady bolan hojalyk serişdelerini (aktiwleri) olaryň görnüşleri we ýerine ýetirýän wezipeleri boýunça toparlamaklygyň esasynda öwrenmek.

Hojalyk serişdelerini (aktiwleri) 2.4-nji tablisada toparlara bölmeli.

*2.4-nji tablisa*

| T/b | Hojalyk serişdeleriniň (aktiwleriň) atlary | Pul möçberi (manat) | Uzak möhletli (aýlanyşykdan daşary) aktiwler | | | | Gündelik (aýlanyşykdaky) aktiwler | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | Esasy serişdeler | Maddy däl aktiwler | Maliýe goýumlary | Düýpli maýa goýumlary | Önümçilik gorlary | Harajatlar we tamamlanmadyk önümçilik | Pul serişdeleri | Algylar (bergidarlaryň bergisi) |
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 | 7 | 8 | 9 | 10 | 11 |
| 1 | Ygtyýarnamalar | 75000 | | 75000 | | | | | | |
| ... | … | … | | | | | | | | |
| **Jemi** | | | | | | | | | | |

**Mysaly işlemek üçin görkezmeler:** 2.3-nji mysal işlenende 2.4-nji tablisanyň 2-nji we 3-nji sütünlerinde hojalyk serişdeleriniň (aktiwleriň) atlary we pul möçberleri görkezilýär. 4-11-nji sütünlerde hojalyk serişdeleri olaryň görnüşleri we ýerine ýetirýän wezipeleri boýunça görkezilýär. 4-11-nji sütünleriň jemi 3-nji sütüniň jemine deň bolmalydyr.

**Mysaly işlemek üçin maglumatlar:**

*2.5-nji tablisa*

| T/b | Hojalyk serişdeleriniň (aktiwleriň) atlary | Pul möçberi (manat) |
|---|---|---|
| 1. | Ygtyýarnamalar | 75000 |
| 2. | Gymmat bahaly kagyzlar ( 3 ýyldan köp möhletli) | 330000 |
| 3. | Gurlup tamamlanmadyk sehiň jaýyna edilen harajatlar | 3600000 |
| 4. | Kassadaky pullar | 19500 |
| 5. | Taýýar önümler | 540600 |
| 6. | Paýnamalar (1 ýyla çenli) | 690000 |
| 7. | Zawodyň jaýy | 3360000 |
| 8. | Daşary ýurt pullarynyň hasabyndaky pul serişdeleri | 331500 |
| 9. | Ýeňil awtoulaglar | 720000 |
| 10. | Ätiýaçlyk şaýlary | 131 100 |
| 11. | Çig mallar we materiallar | 270300 |
| 12. | Ýörite geýimler | 12600 |
| 13. | Berlen hakujylar (enjamlary satyn almak üçin) | 181200 |
| 14. | Önümleri öndürmek üçin söwda nyşanlary | 450300 |
| 15. | Benzin (ýangyç) | 31200 |
| 16. | Önümçilik sehiniň jaýy | 3.840600 |
| 17. | Hasabat bermeli işgärleriň iş sapary üçin berlen pullar boýunça bergileri | 2100 |
| 18. | Alyjylaryň alan harytlary üçin bergileri | 255600 |

| | | |
|---|---|---|
| 19. | Harytlar we gaplar | 135900 |
| 20. | Kompýuterler | 225000 |
| 21. | Ykdysady edebiýatlara abuna ýazylany üçin çykdajylar | 9600 |
| 22. | Hasaplaşyk hasabyndaky pullar | 175500 |
| 23. | Beýleki kärhanalaryň esaslyk maýasyna goýumlar | 1410900 |
| 24. | Tamamlanmadyk önümçilige çykdajylar | 570.000 |
| 25. | Awuly himikatlar we dökünler | 145500 |
| 26. | Edilen hyzmatlar üçin guramalardan algylar | 25400 |
| 27. | Ýük awtoulaglary | 2838300 |

**2.4-nji mysal**

Bu mysalyň işlenişi 2.3-nji mysalyňky bilen meňzeşdir.

**Mysaly işlemek üçin maglumatlar:**

*2.6-njy tablisa*

| T/b | Hojalyk serişdeleriniň (aktiwleriň) atlary | Pul möçberi (manat) |
|---|---|---|
| 1. | Zawodyň dolandyryş jaýy | 3301500 |
| 2. | Harytlar we gaplar | 361500 |
| 3. | Kanselýariýa harytlary | 15600 |
| 4. | Patent | 182400 |
| 5. | Önümçiligi tamamlanmadyk önümlere çykdajylar | 541500 |
| 6. | Hat ýazmak üçin kagyzlar | 18300 |
| 7. | Ýaşaýyş jaýy | 4200000 |
| 8. | Kassadaky pullar | 36600 |
| 9. | Kerpiç | 53000 |
| 10. | Naharhananyň jaýy | 2430600 |
| 11. | Taýýar önümler | 249300 |
| 12. | Dizel ýangyjy | 120600 |
| 13. | Ýük ýükleýji maşynlar | 1530300 |
| 14. | Agaç materiallary (tagtalar, pürsler) | 236100 |
| 15. | Ýük awtoulaglary | 1230300 |
| 16. | Hasaplaşyk hasabyndaky pul serişdeleri | 321300 |
| 17. | Ýylmaýjy stanoklar | 962400 |
| 18. | Hasabat bermeli adamlaryň iş saparynyň çykdajylarynyň hasabyna alan hakujylary boýunça bergileri | 7200 |
| 19. | Orak orýan kombaýnlar | 961500 |
| 20. | Paýnamalar (5 ýyllyk möhletli) | 330000 |
| 21. | Ygtyýarnamalar | 135600 |
| 22. | Alyjylaryň alan önümleri üçin bergileri | 482400 |
| 23. | Önümçilik sehiniň tamamlanmadyk gurluşygyna harajatlar | 3150000 |
| 24. | Bakydaky mallar | 290400 |

**2.5-nji mysal**

Hojalyk serişdeleriniň emele gelen çeşmeleriniň toparlara bölünişi.

**Mysalyň maksady**: hojalyk serişdelerini buhgalter hasabynyň binýady hökmünde emele gelen çeşmeleri boýunça öwrenmek.

2.7-nji tablisada berlen maglumatlaryň esasynda hojalyk serişdeleriniň emele gelen çeşmelerini 2.8-nji tablisa laýyklykda toparlara bölmeli.

**Mysaly işlemek üçin maglumatlar:**

*2.7-nji tablisa*

| T/b | Hojalyk serişdeleriniň emele gelen çeşmeleriniň (passiwleriň) atlary | Pul möçberi (manat) |
|---|---|---|
| 1. | Uzak möhletli bank karzlary | 3000000 |
| 2. | Esaslyk maýa | 4500000 |
| 3. | Maýa toplaýyş gaznasy | 1441500 |
| 4. | Durmuş ätiýaçlandyrmalary boýunça bergiler | 188100 |
| 5. | Berlen wekseller | 541200 |
| 6. | Bankyň gysga möhletli karzlary | 3000000 |
| 7. | Býujete tölegler boýunça bergiler | 630900 |
| 8. | Esasy serişdeleri bejermek üçin ätiýaçlyk | 286500 |
| 9. | Haryt iberijilere alnan çig mallar üçin bergiler | 1142400 |
| 10. | Sarp ediş gaznasy | 631200 |
| 11. | Keseki kärhanadan alnan gysga möhletli karzlar | 540600 |
| 12. | Işgärlere zähmet haky boýunça bergi | 553800 |
| 13. | Geçen ýylyň paýlanylmadyk peýdasy | 360000 |
| 14. | Gurluşyk işleri üçin potratçylara bergiler | 256200 |
| 15. | Maliýe ätiýaçlygy | 721500 |
| 16. | Täze tilsimat enjamyny satyn almak üçin maksatlaýyn maliýeleşdirme | 1261500 |
| 17. | Býujetden daşary gaznalara bergiler | 541500 |
| 18. | Dürli algydarlara bergiler | 77400 |

**Mysaly işlemegiň usuly:** hojalyk serişdeleriniň emele gelen çeşmelerini toparlara bölmeklik olaryň eýeçilik hukugy boýunça degişliligini görkezýär, hususy we karz alnan serişdeleriň çeşmeleriniň möçberini deňeşdirmäge, hojalyk serişdeleriniň emele gelen çeşmeleriniň (passiwleriň) umumy möçberinde olaryň paýyny kesgitlemäge ýardam edýär.

2.5-nji mysal işlenilende 2.8-nji tablisanyň 2-nji we 3-nji sütünlerinde hojalyk serişdeleriniň emele gelen çeşmeleriniň (passiwleriň) atlary we pul möçberleri görkezilýär. 4-8-nji we 10-12-nji sütünlerde hojalyk serişdeleriniň emele gelen çeşmeleri (passiwleri) olaryň görnüşleri boýunça görkezilýär. 9-njy sütünde hususy çeşmeleriň, 13-nji sütünde bolsa karz çeşmeleriň jemi görkezilýär. 9-njy we 13-nji sütüniň jemleri 3-nji sütüniň jemine deň gelmelidir.

3, 9 we 13-nji sütünleriň maglumatlarynyň esasynda hususy we karz çeşmeleriň paýyny kesgitlemeli.

*2.8-nji tablisa*

| T/b | Hojalyk serişdeleriniň emele gelen çeşmeleri | Pul möçberi (manat) | Hususy serişdeleriň çeşmeleri | | | | | Hususy serişdeleriň çeşmeleriniň jemi | Karz alnan serişdeleriň çeşmeleri | | | Karz alnan serişdeleriň çeşmeleriniň jemi |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | Esaslyk maýa | Peýda | Ýörite maksatly gaznalar | Ätiýaçlyklar | Maksatly maliýeleşdirmeler we pul girmeleri | | Bank karzlary | Beýleki karzlar | Bergiler | |
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 | 7 | 8 | 9 | 10 | 11 | 12 | 13 |
| 1. | Gysga möhletli bank karzlary | 3000000 | - | - | - | | - | - | 3000000 | - | - | 3000000 |
| 2. | Esaslyk maýa we ş.m. | 4500000 | 4500000 | - | - | - | - | 4500000 | - | - | - | - |
| Jemi | | | | | | | | | | | | |

**2.6-njy mysal**

Bu mysalyň işleniş usuly 2.5-nji mysalyňky ýalydyr.

**Mysaly işlemek üçin maglumatlar:**

*2.9-njy tablisa*

| T/b | Hojalyk serişdeleriniň emele gelen çeşmeleriniň (passiwleriň) atlary | Pul möçberi (manat) |
|---|---|---|
| 1. | Keseki kärhanadan alnan uzak möhletli karzlar | 2550000 |
| 2. | Kärhananyň öz işgärlerine zähmet haky boýunça bergisi | 420000 |
| 3. | Bankyň gysga möhletli karzlary | 1350000 |
| 4. | Esaslyk maýa | 2940000 |
| 5. | Kärhananyň haryt iberijilere alan materiallary üçin bergileri | 255000 |
| 6. | Hasaplanyp bellenen diwidentler boýunça döredijilere (paýdarlara) bergiler | 811500 |
| 7. | Tölegler boýunça býujete bergiler | 361200 |
| 8. | Ulag guramalaryna ýükleri daşap berendikleri üçin bergiler | 225000 |
| 9. | Bankyň uzak möhletli karzlary | 4500000 |
| 10. | Ätiýaçlyk gaznasy | 661500 |
| 11. | Sarp ediş gaznasy | 932400 |
| 12. | Peýda | 1290600 |
| 13. | Keseki kärhanalardan alnan gysga möhletli karzlar | 630000 |
| 14. | Keseki kärhanalara alnan hakujylar boýunça bergiler | 421500 |
| 15. | Ýörite maksatly gelip gowuşmalar | 234000 |
| 16. | Uzak möhletli kärendesine alnan esasy serişdeler üçin kärendesine berijilere bergiler | 1923000 |

| | | |
|---|---|---|
| 17. | Maýa toplaýyş gaznasy | 630900 |
| 18. | Zähmet rugsadyna gidýänlere tölemek üçin ätiýaçlyklar | 361500 |
| 19. | Işgärler üçin alnan bank karzlary | 331200 |
| 20. | Köp ýyllar işlän işgärlere baýrak bermäge ätiýaçlyk | 345000 |

**2.7-nji mysal**

**Algy-bergileriň görnüşleriniň toparlanyşy.**

**Mysalyň maksady:** hojalyk serişdeleriniň (aktiwleriň) we olaryň emele gelen çeşmeleriniň (passiwleriň) kärhananyň algy-bergileriniň görnüşleri boýunça toparlara bölünişini öwrenmek.

Aşakda getirilýän maglumatlaryň esasynda algy-bergileriň görnüşlerini tablisa laýyklykda toparlara bölmeli.

*2.10-njy tablisa*

| T/b | Algy-bergileriň görnüşleri | Pul möçberi (manat) | Algy-bergileriň görnüşleri | |
|---|---|---|---|---|
| | | | Debitorlardan algylar | Kreditorlara bergiler |
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 |
| 1. | Hasabat bermeli işgärleriň hojalyk çykdajylary üçin alan pul serişdeleri boýunça bergileri we ş.m. | 240000 | 240000 | |
| | Jemi | | | |

**Işleniş usuly:** 2.7-nji we 2.8-nji mysallar işlenende 2.10-njy tablisanyň 2-nji we 3-nji sütünlerinde kärhananyň algy-bergileriniň atlary we pul möçberleri görkezilýär. 4-nji sütünde algylaryň möçberi (bergidarlar);
5-nji sütünde bolsa bergileriň möçberi (kärhananyň algydarlary) görkezilýär. 4-nji we 5-nji sütünleriň jemi 3-nji sütüniň jemine deň bolmalydyr.

**Debitor** – bergili tarap, debet (latynça) – ol bergili sözünden emele gelýär.

**Kreditor –** algydar tarap, kredit (latynça) – ol ynanýar sözünden gelip çykýar we kärhananyň bergilerini aňladýar.

**Mysaly işlemek üçin maglumatlar:**

*2.11-nji tablisa*

| T/b | Algy-bergileriň görnüşleri | Pul möçberi (manat) |
|---|---|---|
| 1. | Kärhanany döredijileriň esaslyk maýa goýumlary boýunça bergileri | 20000 |
| 2. | Kärendeçileriň kärendesine alan esasy serişdeleri üçin bergileri | 900000 |
| 3. | Kärhananyň işgärleriniň artykmaç tölenen zähmet haky boýunça bergileri | 4400 |
| 4. | Hasabat bermeli işgärleriň hojalyk çykdajylary üçin alan pul serişdeleri boýunça bergileri | 240000 |
| 5. | Kähananyň işgärlere zähmet haky boýunça bergileri | 281600 |
| 6. | Haryt iberijilerden alnan materiallar (harytlary) üçin bergiler | 561000 |
| 7. | Işgärleriň kärhana ýetiren zeperleriniň öwezini dolmak boýunça bergileri | 25000 |

| | | |
|---|---|---|
| 8. | Kärhananyň býujete tölegler boýunça bergileri | 240000 |
| 9. | Artyk tölenen tölegler boýunça býujetden daşary gaznalaryň bergileri | 12600 |
| 10. | Hasabat bermeli işgärlere kärhana alan materiallary üçin bergi | 7000 |
| 11. | Alyjylaryň satyn alan harytlary üçin bergileri | 361000 |
| 12. | Işgärleriň berlen karzlar boýunça bergileri | 150000 |
| 13. | Kärhananyň alnan gysga möhletli karzlar boýunça banka bergisi | 500000 |
| 14. | Kärhananyň durmuş ätiýaçlandyryş tölegleri boýunça bergisi | 70000 |
| 15. | Pensiýa gaznasyna işgärlerden tutulan tutumlar boýunça kärhananyň bergisi | 15000 |
| | Jemi | 3387600 |

**2.8-nji mysal**

**Mysaly işlemek üçin maglumatlar**

*2.12-nji tablisa*

| T/b | Algy-bergileriň görnüşleri | Pul möçberi (manat) |
|---|---|---|
| 1. | Alnan uzak möhletli karzlar boýunça banka bergiler | 1820000 |
| 2. | Kärhananyň öz işgärlerine zähmet haky boýunça bergisi | 281000 |
| 3. | Keseki kärhanalaryň ulanan ulag hyzmatlary üçin bergileri | 50000 |
| 4. | Kärhananyň gurluşyk-abatlaşdyryş guramalaryna bejeriş hyzmatlary üçin bergileri | 168400 |
| 5. | Uzak möhletli kärendesine alnan esasy serişdeler üçin kärendesine berýäne bergiler | 560000 |
| 6. | Alyjylara iberiljek harytlar üçin öňünden alnan hakujylar boýunça bergiler | 361000 |
| 7. | Kärhananyň iş netijeleri boýunça döredijilere hasaplap bermeli edilen diwidendler (düşewüntler) boýunça bergiler | 240000 |
| 8. | Haryt iberijileriň alynjak materiallar üçin öňünden tölenen hakujylar boýunça bergileri | 108000 |
| 9. | Kassiriň kassada kem gelen pullary ýerinde goýmak boýunça bergisi | 4200 |
| 10. | Peýda salgydyny tölemek boýunça býujete bergiler | 110000 |
| 11. | Hasabat bermeli işgärleriň gulluk saparyna gitmek üçin kassadan alan pullary boýunça bergileri | 15000 |
| 12. | Işgärleriň daşary ýurda gulluk saparyna gidende alyp, harçlanman galan daşary ýurt pullary boýunça bergileri | 6400 |
| 13. | Kärhananyň oba hojalygyny ösdürmek döwlet gaznasyna bergisi | 6800 |
| 14. | Keseki kärhanalardan alnan gysga möhletli karzlar boýunça bergiler | 135600 |
| 15. | Işgärleriň zähmet hakyndan tutulan saglyk ätiýaçlandyrmasyny degişli edara geçirmek boýunça bergi | 16800 |
| | Jemi | 3883200 |

**2-nji tema boýunça barlag işi.**

**Ýumşuň maksady:** şu tema boýunça 2.1-njiden 2.8-nji mysala çenli işläp alan bilimlerini berkitmek we hojalyk serişdelerini iki alamat:

a) görnüşleri we ýerleşişleri boýunça;
b) emele gelen çeşmeleri boýunça dogry toparlamak endigini edinmek.

Aşakdaky maglumatlaryň esasynda hojalyk serişdelerini (aktiwleri) we olaryň emele gelen çeşmelerini (passiwleri) 2.13-nji tablisa layyklykda toparlamaly.

*Tablisa 2.13*

| T/b | Hojalyk serişdeleri (aktiwler) | Pul möçberi (manat) | T/b | Hojalyk serişdeleriniň emele gelen çeşmeleri | Pul möçberi (manat) |
|---|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 |
| I | Önümçilik gurşawyndaky serişdeler | | I | Hususy serişdeleriň emele gelen çeşmeleri | |
| | | | | | |
| Jemi | | | | | |
| II | Dolanyşyk gurşawyndaky serişdeler | | II | Karz alnan serişdeleriň emele gelen çeşmeleri | |
| | | | | | |
| Jemi | | | | | |
| III | Önümçilik gurşawyna degişli däl serişdeler | | | | |
| | | | | | |
| Jemi | | | | | |
| | Hojalyk serişdeleriniň (aktiwleriň) hemmesi | | | Hojalyk serişdeleriniň emele gelen çeşmeleriniň (passiwleriň) hemmesi | |
| | | | | | |

**Işleniş usuly:** ýumuş ýerine ýetirilende 3-nji we 6-njy sütünleriň “Hemmesi” diýen setir boýunça jemleri deň bolmalydyr. Bu ýumşyuň dogry işlenendiginiň birinji alamatydyr.

**Mysaly işlemek üçin maglumatlar:**

*2.14-nji tablisa*

| T/b | Hojalyk serişdeleri (aktiwler) we olaryň emele gelen çeşmeleri (passiwler) | Dürli görnüşler (manat) | | | |
|---|---|---|---|---|---|
| | | I | II | III | IV |
| 1. | Paýlanylmadyk peýda | 4200 | 10200 | 4600 | 8700 |
| 2. | Dizel ýangyjy | 30600 | 60300 | 46800 | 50100 |
| 3. | Işgärlere zähmet haky boýunça bergiler | 460000 | 842400 | 481000 | 540900 |
| 4. | Sarp ediş gaznasy | 241600 | 331500 | 301400 | 420900 |
| 5. | Keseki kärhananyň gysga möhletli karzlary | 400000 | 750000 | 580000 | 690000 |
| 6. | Kassadaky pul serişdeleri | 20400 | 24600 | 25000 | 29400 |
| 7. | Çig mallar | 80800 | 105.900 | 160600 | 180300 |

| | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|
| 8. | Durmuş ätiýaçlandyrmalary boýunça bergiler | 127000 | 161400 | 260400 | 273600 |
| 9. | Taýýar önümler | 360200 | 631500 | 301000 | 420900 |
| 10. | Önümçilik sehiniň jaýy | 1220200 | 1591500 | 1260800 | 1472400 |
| 11. | Esaslyk maýa | 3000000 | 3900000 | 2800000 | 3600000 |
| 12. | Naharhananyň jaýy | 701600 | 1232100 | 790000 | 961500 |
| 13. | Döredijileriň kärhananyň esaslyk maýasyna goýumlary boýunça bergileri | 80000 | 60000 | 60000 | 30000 |
| 14. | Harytlar we gaplar | 181000 | 226200 | 240200 | 242100 |
| 15. | Toplaýyş gaznasy | 100800 | 195300 | 161600 | 120600 |
| 16. | Ulag serişdeleri üçin ýangyç | 38600 | 54600 | 41000 | 48600 |
| 17. | Daşary ýurt pullarynyň hasabyndaky pul serişdeleri | 160600 | 227400 | 196000 | 406200 |
| 18. | Ýörite geýimler (halatlar, ädikler, äýnekler) | 24600 | 31800 | 22800 | 42900 |
| 19. | Býujete salgytlar boýunça bergiler | 261000 | 330900 | 360600 | 360600 |
| 20. | Alyjylaryň ugradylan harytlar üçin bergileri | 420400 | 962400 | 560800 | 752400 |
| 21. | Hasabat bermeli adamlaryň alan hakujy pullar boýunça bergileri | 16600 | 21600 | 12600 | 15600 |
| 22. | Paýnamalar (5 ýyl möhletli) | 161000 | 205500 | 150000 | 180000 |
| 23. | Gysga möhletli bank karzlary boýunça bergi | 560800 | 931500 | 880400 | 991500 |
| 24. | Iş stanoklary | 480600 | 630300 | 610200 | 841500 |
| 25. | Haryt iberijilere alnan materiallar (harytlar) üçin bergiler | 575600 | 1196100 | 710400 | 903300 |
| 26. | Senetler | 47600 | 63600 | 50200 | 66900 |
| 27. | Bankdaky hasaplaşyk hasabyndaky pul serişdeleri | 106400 | 71400 | 281600 | 240300 |
| 28. | Rugsatnamalar | 360400 | 585000 | 321600 | 511200 |
| 29. | Medeniýet öýüniň jaýy | 841000 | 1140300 | 796000 | 1217400 |
| 30. | Oturdylmaga degişli enjamlar | 147600 | 206400 | 162400 | 238200 |
| 31. | Tamamlanmadyk önümçilige çykdajylar | 241600 | 317400 | 280800 | 330600 |
| 32. | Geljek döwürleriň çykdajylary | 150800 | 189000 | 161000 | 360000 |
| 33. | Önümçilik sehiniň tamamlanmadyk gurluşygyna harajatlary | 421600 | 540600 | 500400 | 594000 |
| 34. | Alyp-satmak üçin paýnamalar | 9600 | 11700 | 10200 | 11400 |
| 35. | Ätiýaçlyk gory | 572800 | 541800 | 501600 | 1333800 |
| **Işlenen mysalyň dogrulygyny barlamak üçin jemler** | | | | | |
| Hojalyk serişdeleriniň görnüşleri | | 6303800 | 9191100 | 7042000 | 9243900 |
| Hojalyk serişdeleriniň çeşmeleri | | 6303800 | 9191100 | 7042000 | 9243900 |

**2-nji tema boýunça bilimiňi özbaşdak barlamak üçin sorag-jogaplar (barlagnamalar)**

| T/b | Soraglar | T/b | Jogaplar |
|---|---|---|---|
| 1. | Bankdaky daşary ýurt pullarynyň hasabyndaky serişdeler hojalyk serişdeleriniň haýsy görnüşine degişlidir? | 1.<br>2.<br>3.<br>4. | Maliýe goýumlary;<br>Önümçilik ätiýaçlyklary;<br>Uzak möhletli aktiwler;<br>Gündelik hereketdäki aktiwler. |
| 2. | Kärhanadaky çig mallar we materiallar hojalyk serişdeleriniň haýsy gurşawyna degişlidir? | 1.<br>2.<br>3.<br>4. | Dolanyşyk gurşawa;<br>Önümçilik gurşawa;<br>Önümçilige degişli däl gurşawa;<br>Dolanyşyk we önümçilige degişli däl gurşawa. |
| 3. | Patentler ýerine ýetirýän wezipeleri boýunça serişdeleriň haýsy görnüşidir? | 1.<br>2.<br>3.<br>4. | Önümçilik aktiwleri;<br>Gysga möhletli aktiwler;<br>Maddy däl aktiwler;<br>Esasy serişdeler. |
| 4. | Paýnamalar (5 ýyl möhletli) hojalyk serişdeleriniň haýsy görnüşidir? | 1.<br>2.<br>3.<br>4. | Maliýe goýumlary;<br>Esasy serişdeler;<br>Pul serişdeleri;<br>Hasaplaşykdaky aktiwler. |
| 5. | Işgäriň kärhana ýetiren zyýanynyň öwezini dolmak boýunça bergisi algy-bergileriň haýsyna degişli? | 1.<br>2.<br>3.<br>4. | Bergiler;<br>Algylar;<br>Tölegler boýunça borçlar;<br>Hasaplaşyk boýunça bergiler. |
| 6. | Hojalyk serişdeleriniň emele gelen çeşmeleri haýsy toparlara bölünýärler? | 1.<br>2.<br>3.<br>4. | Hususy we karz alnan;<br>Ýörite maksatly we daşyndan çekilen;<br>Hususy we bergiler;<br>Hususy, karz alnan we bergiler. |
| 7. | Kärhananyň işgärlerine hasaplan, ýöne berilmedik zähmet haky boýunça bergileri çeşmeleriň haýsy toparyna girýär? | 1.<br>2.<br>3.<br>4. | Ätiýaçlyklar;<br>Karz alnan;<br>Hususy;<br>Ýörüte maksatly. |
| 8. | Haryt iberijilere alnan materiallar üçin bergiler çeşmeleriň haýsy toparyna degişlidir? | 1.<br>2.<br>3.<br>4. | Karzlar;<br>Bergiler;<br>Girdejileri paýlamak boýunça borçlar;<br>Hususy. |
| 9. | Sarp ediş gaznasy hususy serişdeleriň çeşmeleriniň haýsy toparyna girýär? | 1.<br>2.<br>3.<br>4. | Ätiýaçlyklar;<br>Esaslyk maýa;<br>Peýda;<br>Ýörite maksatly gaznalar. |
| 10. | Býujete salgytlar boýunça bergiler çeşmeleriň haýsy toparyna girýär? | 1.<br>2.<br>3.<br>4. | Debitor algylar;<br>Hasaplaşykdaky serişdeler;<br>Kreditor bergiler;<br>Karzlar. |

**Jogaplary görkezmegiň usuly:** jogaplaryň içinden dogrusynyň daşyny tegelemeli. Her dogry jogap bir ball hasap edilýär. Iň ýokary netije 10 balldyr. Talyp 6 we ondan az ball alsa, oňa temany gaýtadan öwrenmek maslahat berilýär.

**3-nji tema. Buhgalter balansy**

**Balansynyň düýp manysyny we ykdysady mazmuny.**

**Işleniljek mysallaryň maksady:** hojalyk serişdeleriniň görnüşleri we ýerleşen ýerleri, şeýle hem emele gelen çeşmeleri boýunça toparlamaklygyň esasynda buhgalter balansynyň düýp manysyny we ykdysady mazmunyny öwrenmek.

Mysallarda getirilen maglumatlaryň esasynda kärhananyň buhgalter balansyny düzmeli.

**Işleniş usuly:** buhgalter balansy hojalyk serişdelerini (emläkleri) belli bir senä (adatça aýyň 1-nji günündäki ýagdaýy boýunça) toparlamak usulydyr.

Balans iki bölümden durýar: **aktiw** we **passiw.** Aktiwde hojalyk serişdeleri görnüşleri we ýerleşen ýerleri, passiwde bolsa – olaryň emele gelen çeşmeleri boýunça görkezilýär.

Mysallar işlenende maddalar bölümler boýunça toparlanmalydyrlar we 3.1-nji tablisada görkezilen 3-nji we 6-njy sütünleriň "Balans" setiri boýunça jemi deň bolmalydyr.

*3.1-nji tablisa*

200__ ýylyň ____________________ aýynyň 1-ine
aýyň ady

________________________________________
Kärhananyň ady

Balansy

| Aktiw | | | Passiw | | |
|---|---|---|---|---|---|
| Bölümleriň belgisi | Bölümler we maddalar | Pul möçberi (manat) | Bölümleriň belgisi | Bölümler we maddalar | Pul möçberi (manat) |
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 |
| I | Dolanyşykdan daşarky serişdeler | | I | Maýalar we ätiýaçlyklar | |
| | I bölegiň jemi | | | I bölegiň jemi | |
| II | Dolanyşykdaky aktiwler | | II | Uzak möhletleýin passiwler | |
| | 2.1.Ätiýaçlyklar we harajatlar | | | II bölegiň jemi | |
| | 2.2. Pul serişdeleri, hasaplaşyklar we gaýry aktiwler | | III | Hasaplaşyklar we gaýry passiwler (borçnamalar) | |
| | II bölegiň jemi | | | III bölegiň jemi | |
| | Balans | | | Balans | |

**Bellik.**

2-nji goşundyda kärhananyň balansynyň (1-nji maliýe görnüş) bölümleriniň atlary we maddalary doly görkezilip getirilýär. Şol getirilen balansy gollanma görnüşinde ulanmak maslahat berilýär.

**3.1-nji mysal**

**Mysaly işlemek üçin maglumatlar:**

*3.2-nji tablisa*

| T/b | Hojalyk serişdeleriniň we olaryň emele gelen çeşmeleriniň atlary | Pul möçberi (manat) |
|---|---|---|
| 1. | Patent | 37500 |
| 2. | Daşary ýurt pullarynyň hasaby | 60300 |
| 3. | Önümçiligi tamamlanmadyk önümlere harajatlar | 125100 |
| 4. | Esaslyk maýa | 1800000 |
| 5. | Toplaýjy önümler | 180600 |
| 6. | Ätiýaçlyk gory | 127500 |
| 7. | Golçur kärhananyň esaslyk maýasyna pul goýumlary | 75000 |
| 8. | Öz öndüren ýarym taýýar önümleri | 42150 |
| 9. | Bildirilen nägilelikler boýunça hasaplaşyklar (algylar) | 16200 |
| 10. | Kassa | 12750 |
| 11. | Zähmet hakyny tölemek boýunça işgärler bilen hasaplaşyklar (bergiler) | 166200 |
| 12. | Ambaryň jaýy | 481200 |
| 13. | Býujet bilen hasaplaşyklar (bergiler) | 112800 |
| 14. | Alyjylar bilen hasaplaşyklar (algylar) | 240600 |
| 15. | Awtoulag gapanlary | 142800 |
| 16. | Haryt iberijilere berlen hakujy (algylar) | 60600 |
| 17. | Taýýar önümler | 123450 |
| 18. | Tamamlanmadyk düýpli maýa goýumlar | 420750 |
| 19. | Hasaplaşyk hasaby | 121800 |
| 20. | Paýlanylmadyk peýda | 180450 |
| 21. | Arzan we tiz könelýän zatlar | 63150 |
| 22. | Haryt iberijiler bilen hasaplaşyklar (bergiler) | 406200 |
| 23. | Rugsatnamalar | 30750 |
| 24. | Önümçilik sehiniň jaýy | 466200 |
| 25. | Banklaryň gysga möhletleýin karzlary | 420750 |
| 26. | Ambardaky çig mallar | 211200 |
| 27. | Paýnamalar (1 ýyldan köp möhletli) | 225000 |
| 28. | Toplaýyş gaznasy | 95100 |
| 29. | Hasabat bermeli adamlar bilen hasaplaşyklar (algylar) | 6300 |
| 30. | Agaç kesýän stanok (önümçilikde ulanylýan) | 165600 |
| Balans | | 3309000 |

**3.2-nji mysal**

**Mysaly işlemek üçin maglumatlar:**

*3.3-nji tablisa*

| T/b | Hojalyk serişdeleriniň we olaryň emele gelen çeşmeleriniň atlary | Pul möçberi (manat) |
|---|---|---|
| 1. | Maddy däl aktiwler:<br>ilkibaşdaky gymmaty boýunça<br>köneleni<br>galyndy gymmaty | <br>51600<br>15600<br>? |

| | | |
|---|---|---|
| 2. | Hasabat ýylynyň peýdalary<br>Hasabat ýylynyň peýdalaryndan ulanylany<br>Hasabat ýylynyň paýlanylmadyk peýdasy | 1620600<br>610000<br>? |
| 3. | Hasaplaşyk hasaby | 561000 |
| 4. | Býujet bilen hasaplaşyklar (bergiler) | 241000 |
| 5. | Galan harytlara degişli dolanyşyk harajatlary | 420400 |
| 6. | Kassa | 50400 |
| 7. | Esasy serişdeler:<br>ilkibaşdaky gymmaty boýunça<br>köneleni<br>galyndy gymmaty | <br>2680000<br>1072000<br>? |
| 8. | Zähmet haky boýunça hasaplaşýklar (bergiler) | 421000 |
| 9. | Sarp ediş gaznasy | 481600 |
| 10. | Satyn alyjylar bilen hasaplaşyklar (algylar) | 961000 |
| 11. | Esaslyk maýa | 3506000 |
| 12. | Hasabat bermeli adamlar bilen hasaplaşyklar (algylar) | 14400 |
| 13. | Paýnamalar (8 ýyllyk möhletli) | 420000 |
| 14. | Ätiýaçlyk gory | 228800 |
| 15. | Durmuş ätiýaçlandyrmalary boýunça hasaplaşyklar (bergiler) | 96400 |
| 16. | Oturdylmaga degişli enjamlar | 301600 |
| 17. | Harytlar:<br>satyş bahada<br>söwda goşundysy<br>satyn alyş bahada | <br>2500 000<br>500 000<br>? |
| 18. | Keseki kärhanalardan alnan gysga möhletleýin karzlar | 360000 |
| 19. | Tamamlanmadyk düýpli gurluşyk | 241600 |
| 20. | Materiallar | 50600 |
| 21. | Geçirilen pullaryň ýoldakylary | 241000 |
| 22. | Işgärler üçin banklaryň karzlary | 560600 |
| | Balans | 6906000 |

**3.3-nji mysal**

## Mysaly işlemek üçin maglumatlar:

*Tablisa 3.4*

| T/b | Hojalyk serişdeleriniň we olaryň emele gelen çeşmeleriniň atlary | Pul möçberi (manat) |
|---|---|---|
| 1. | Iri şahly mallaryň esasy sürüsi (sygyrlar) | 290150 |
| 2. | Arzan we tiz könelýän zatlar | 11600 |
| 3. | Ýörite maksatly gaznalar | 70150 |
| 4. | Ulag serişdeleri üçin ýangyç | 14050 |
| 5. | Esaslyk maýa | 1107000 |
| 6. | Hasaplaşyk hasaby | 20400 |
| 7. | Zähmet rugsady döwrüne hak tölemek üçin ätiýaçlyk | 12750 |
| 8. | Kassa | 1150 |
| 9. | Taýýar önümler | 90200 |
| 10. | Zähmet haky boýunça hasaplaşyklar (bergiler) | 52700 |
| 11. | Däne ýygýan kombaýnlar | 210350 |

| | | |
|---|---|---|
| 12. | Býujet bilen hasaplaşyklar (bergiler) | 20400 |
| 13. | Ýük çekýän awtoulaglar | 315050 |
| 14. | Ätiýaçlyk şaýlary | 26250 |
| 15. | Banklaryň gysga möhletleýin karzlary | 350000 |
| 16. | Traktorlar | 425200 |
| 17. | Durmuş ätiýaçlandyrmalary boýunça hasaplaşyklar (bergiler) | 17900 |
| 18. | Satyn alyjylar we iş buýrujylar bilen hasaplaşyklar (algylar) | 80200 |
| 19. | Maldarçylyk toplumynyň jaýy | 260050 |
| 20. | Hasabat bermeli adamlar bilen hasaplaşyklar (algylar) | 1400 |
| 21. | Haryt iberijiler bilen hasaplaşyklar (bergiler) | 170250 |
| 22. | Mineral dökünler | 14200 |
| 23. | Tohumlar we ekiş materiallary | 41700 |
| 24 | Geljek ýyllaryň hasaby üçin harajatlar | 57700 |
| 25 | Haryt çalyşmak boýunça amallary ýerine ýetirmek üçin rugsat-namalar | 1250 |
| 26. | Ambaryň tamamlanmadyk gurluşygy üçin edilen çykdajylar | 90250 |
| 27. | Gurluşyk materiallary | 37550 |
| 28. | Esasy serişdeleri bejeriş işleriniň çykdajylary üçin ätiýaçlyk gory | 82700 |
| 29. | Ösdürimdäki we bakydaky mallar | 105150 |
| 30. | Geçen ýyllaryň paýlanylmadyk peýdalary | 210000 |
| | Balans | 2093850 |

## Hojalyk amallarynyň täsiri netijesinde balansda bolup geçýän üýtgemeler. Hojalyk amallarynyň häsiýetleri.

**Mysallaryň maksady:** hojalyk amallarynyň täsiri netijesinde balansda bolup geçýän üýtgemelerini öwrenmek we bu üýtgemeleriň häsiýetlerini özleşdirmek.

**Mysallary işlemegiň usullary:** mysallar işlenende hojalyk amallarynyň balansda ýüze çykýan üýtgemeleri boýunça dört häsiýetlidigini ýatda saklamaly. Olar şu aşakdakylardan ybarat:

**I häsiýetli -** kärhananyň hojalyk serişdeleriniň duran ýerleri üýtgeýär ýa-da bir görnüşden başga görnüşe geçýär. Üýtgemeler diňe aktiwde bolup geçýär.

**II häsiýetli –**serişdeleriň çeşmeleriniň maksatlary ýa-da bergileriň görnüşleri üýtgeýär. Üýtgemeler diňe passiwde ýüze çykýar.

**III häsiýetli** – kärhana daşyndan serişde gelýär. Bu häsiýetli amallaryň netijesinde serişdeleriň we olaryň çeşmeleriniň möçberi artýar. Üýtgemeler bir wagtda aktiwde-de, passiwde-de ýüze çykýar. Olaryň jemi artýar.

**IV häsiýetli** – kärhanadan serişdeleriň çykyp gitmegi bilen baglydyr. Olaryň netijesinde serişdeler hem, çeşmeler hem azalýar. Bir wagtyň özünde aktiwiň we passiwiň jemleri azalýar.

**Hojalyk amallarynyň täsiri netjesinde balansyň üýtgeýşiniň şekili.**

*3.1-nji şekil*

**Balans**

| Aktiw | | Passiw | |
|---|---|---|---|
| Artmagy | Azalmagy | Azalmagy | Artmagy |




**3.4-nji mysal**

Hojalyk amallarynyň täsiri netjesinde balansyň maddalarynyň üýtgeýşini görmek üçin ýönekeýleşdirilen balans berlen.

**2008-nji ýylyň mart aýynyň 1-ine**
**(ýönekeýleşdirilen başlangyç)**
**balans**

*3.5-nji tablisa*

| T/b | Aktiw | Pul möçberi (manat) | T/b | Passiw | Pul möçberi (manat) |
|---|---|---|---|---|---|
| 1. | Esasy serişdeler | 780600 | 1. | Esaslyk maýa | 900000 |
| 2. | Tamamlanmadyk düýpli maýa goýumlar | 630600 | 2. | Ýörüte maksatly gaz-nalar | 466350 |
| 3. | Materiallar | 120300 | 3. | Geçen ýyllaryň paýlanylmadyk peýdalary | 225000 |
| 4. | Tamamlanmadyk önümçilik | 226200 | 4. | Haryt iberijiler we potratçylar bilen hasaplaşyklar | 375000 |
| 5. | Kassa | 8250 | 5. | Zähmet haky boýunça hasaplaşyklar | 112800 |
| 6. | Hasaplaşyk hasaby | 225000 | 6. | Býujet bilen hasaplaşyklar | 42600 |
| 7. | Satyn alyjylar we iş buýrujylar bilen hasaplaşyklar | 128100 | | | |
| 8. | Hasabat bermeli adamlar bilen hasaplaşyklar | 2700 | | | |
| Balans: | | 2121750 | Balans: | | 2121750 |

Aşakda getirilen hojalyk amallarynyň her häsiýeti boýunça balansda bolup geçýän üýtgemeleri +, - belgilerini goýup, aýratyn sütünde görkezmeli. Soňra her bir häsiýetli amallar görkezilenden soň, täze balans düzmeli (1-3; 4-6; 7-9; 10-12). Düzülen bäş sany balansy deňeşdirip, kärhananyň serişdeleriniň we olaryň emele gelen çeşmeleriniň düzüminiň üýtgeýşi barada netije çykaryň.

**2008-nji ýylyň mart aýyndaky hojalyk amallary**

*3.6-njy tablisa*

| T/b | Hojalyk amallarynyň mazmuny | Pul möçberi (manat) |
|---|---|---|
| | **I häsiýetli amallar:** | |
| 1. | Hasaplaşyk hasabyndan kassa zähmet hakyny bermek üçin nagt pul alyndy we girdeji edildi | 177300 |
| 2. | Hasaplaşyk hasabyna satyn alyjylardan bergilerini üzmek üçin pul gelip gowuşdy | 128100 |
| 3. | Kassadan iş saparyna gitmek üçin işgärlere hasabat bermek şerti bilen pul berildi | 4800 |
| | **II häsiýetli amallar:** | |
| 4. | Işgärleriň zähmet hakyndan girdeji salgydy tutuldy | 9000 |
| 5. | Bankyň gysga möhletleýin karzynyň hasabyna alnan maddy gymmatlyklar üçin bergileri üzmek maksady bilen haryt iberijilere pul geçirildi | 375000 |
| 6. | Geçen ýyllaryň paýlanylmadyk peýdasynyň hasabyna ätiýaçlyk gory döredildi | 180000 |
| | **III häsiýetli amallar:** | |
| 7. | Haryt iberijilerden materiallar gelip gowuşdy we girdeji edildi | 120000 |
| 8. | Işgärlere ýerine ýetiren işleri üçin zähmet haky hasaplandy | 130000 |
| 9. | Keseki kärhanalardan gysga möhletli karz alyndy we hasaplaşyk hasabyna girdeji edildi | 170000 |
| | **IV häsiýetli amallar:** | |
| 10. | Kassadan işgärlere zähmet haky berildi | 177300 |
| 11. | Hasaplaşyk hasabyndan býujete bergi üzmek üçin pul geçirildi | 42600 |
| 12. | Haryt iberijilere hasaplaşyk hasabyndan alnan materiallar üçin berginiň bir bölegi tölendi | 100000 |

**3.5-nji mysal**

Aşakda getirilen hojalyk amallarynyň balansa edýän täsiri boýunça häsiýetlerini kesgitläň. Çözgüdini 3.7-nji tablisa laýyklykda görkeziň.

3.7-nji tablisa

| T/b | Hojalyk amallarynyň mazmuny | Pul möçberi (manat) | Häsiýetiniň görnüşi | Üýtgeýşiniň häsiýeti | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | | Aktiw | | Passiw | |
| | | | | artmagy (+) | azalmagy (-) | azalmagy (-) | artmagy (+) |
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 | 7 | 8 |
| | | | | | | | |

**2008-nji ýylyň aprel aýyndaky hojalyk amallary.**

3.8-nji tablisa

| T/b | Hojalyk amallarynyň mazmuny | Pul möçberi (manat) |
|---|---|---|
| 1. | Önüm öndürmek üçin ammarlardan çig mal göýberildi | 60300 |
| 2. | Hasaplaşyk hasabyndan banka gysga möhletleýin karzlar boýunça bergileri üzmek üçin pul geçirildi | 220000 |
| 3. | Önümçilikden çykan taýýar önümler ambara girdeji edildi | 85000 |
| 4. | Kärhanany döredijilere (paýdalara) ätiýaçlyk gorunyň hasabyna girdejiler (diwidendler) hasaplanyp bellenildi | 126000 |
| 5. | Kärhanany döredijilere (paýdarlara) hasaplaşyk hasabyndan berilmeli girdejiler (diwidendler) geçirildi | 120000 |
| 6. | Işgärlere wagtlaýyn ýarawsyzlyklary üçin paýlanylmadyk peýdanyň hasabyna kömek puly bellenildi. | 40000 |
| 7. | Haryt iberijilerden arzan we tiz könelýän zatlar geldi we ambara girdeji edildi | 25000 |
| 8. | Keseki kärhanadan mugt esasy serişde alyndy | 175000 |
| 9. | Gurluşygy tamamlanan sehiň jaýy ulanmaga kabul edildi | 630600 |
| 10. | Hasabat bermeli adamlar harçlamadyk pullarynyň galyndysyny kassa tabşyrdy | 1700 |

**3-nji tema boýunça talyplaryň bilimini barlamak üçin barlag işi**

**3.6-njy mysal**

Aşakda getirilen maglumatlar boýunça 2008-nji ýylyň ýanwar aýynyň 1-ne senagat kärhanasynyň balansyny düzüň:

*3.9-njy tablisa*

| T/b | Hojalyk serişdeleriniň we olaryň emele gelen çeşmeleriniň atlary | Toparlar boýunça gymmaty (manat) | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|
| | | birinji | ikinji | üçünji | dördünji | bäşinji |
| 1. | Esasy serişdeleriň başdaky gymmaty | 240000 | 315000 | 420000 | 256000 | 300000 |
| 2. | Esasy serişdeleriň könelmegi | 40000 | 30000 | 90000 | 46000 | 70000 |
| 3. | Materiallar | 36000 | 45000 | 39000 | 40000 | 50000 |
| 4. | Kassa | 400 | 300 | 900 | 300 | 600 |
| 5. | Peýda | 14000 | 27000 | 14100 | 8200 | 12600 |
| 6. | Ýörite maksatly gaznalar | 6000 | - | 6000 | - | 10000 |
| 7. | Esaslyk maýa | 250600 | 360360 | 402180 | 283740 | 306940 |
| 8. | Hasaplaşyk hasaby | 30000 | 52200 | 48900 | 39200 | 50000 |
| 9. | Taýýar önümler | 10400 | 12300 | 15300 | 9000 | 8800 |
| 10. | Dürli bergidarlaryň bergileri | - | - | 900 | - | 800 |
| 11. | Kärendesine alnan esasy serişdeler | - | 15000 | - | 1400 | - |
| 12. | Dürli algydarlara bergiler | 1000 | - | - | 1200 | - |
| 13. | Jogapkärçilikli saklamaga | | | | | |

| | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|
| | alnan haryt-maddy gymmatlyklar | 8000 | - | 10500 | - | 4000 |
| 14. | Durmuş ätiýaçlandyrmasy boýunça bergiler | 800 | 1890 | 1710 | 1180 | 1060 |
| 15. | Tamamlanmadyk önümçilik | 600 | 6000 | 12000 | 8200 | 7200 |
| 16. | Işgärlere zähmet haky boýunça bergiler | 8000 | 18900 | 17100 | 11800 | 10600 |
| 17. | Ätiýaçlyk şaýlary | 2400 | 2400 | 2700 | 4000 | 3200 |
| 18. | Hasabat bermeli adamlaryň bergileri | 200 | 450 | 390 | 220 | - |
| 19. | Haryt iberijilere bergiler | 2800 | 5400 | 5400 | 8000 | 8800 |
| 20. | Ýangyç | 4200 | - | - | 7000 | 4800 |
| 21. | Arzan we tiz könelýän zatlar, ilkibaşdaky gymmaty | 5400 | 15600 | 6300 | - | - |
| 22. | Gysga möhletli bank karzlary boýunça bergiler | 6400 | 5700 | 9900 | 3800 | 5400 |

**Işleniş usuly**: barlag işiniň maglumatlary boýunça haýsy görkezijileriň balansa goşulmaýandygyny, käbir setirler boýunça bolsa ozalky berilmedik görkezijini tapyp balansa goşmaly. Siziň düzjek balansyňyza **"balans-netto"** diýilýär. Ol sazlaýjy görkezijilerden sap bolan balansdyr.

### 3-nji tema boýunça bilimiňi özbaşdak barlamak üçin sorag-jogaplar (barlagnamalar)

| T/b | Soraglar | T/b | Jogaplar |
|---|---|---|---|
| 1. | Buhgalter balansy näme? | 1.<br>2.<br>3. | Kärhananyň aktiwleriniň we passiwleriniň häzirki ýagdaýy baradaky hasabat.<br>Kärhananyň serişdelerini (aktiwleri) we olaryň emele gelen çeşmelerini (passiwleri) belli bir senede toparlamagyň usulydyr.<br>Kesgitli bir döwrüň dowamynda kärhananyň emläkleri baradaky maglumatlardyr. |
| 2. | Giriş balansy name üçin düzülýär: | 1.<br>2.<br>3. | Hojalyk işlerini meýilnamalaşdyrmak üçin.<br>Ýylyň ahyrynda iş netijelerini jemlemek üçin.<br>Hukuk tarap hökmünde ilkibaşda onuň ygtyýaryna berlen kärhananyň hojalyk serişdelerini we olaryň emele gelen çeşmelerini görkezmek üçin. |
| 3. | Ýatyryş balansy näme maksat bilen düzülýär: | 1.<br>2.<br>3.<br>4. | Ýyl boýunça işlerini jemlemek.<br>Şu ýyldaky hojalyk işlerini meýilnamalaşdyrmak üçin.<br>Hojalyk edarasynyň hukuk tarap hökmünde işlemegini bes eden pursatyndaky hojalyk serişdelerine baha bermek üçin.<br>Häzirki şertlerde düzülmeýär. |
| 4. | "Esasy serişdeleriň könelmegi", "Maddy däl aktiwleriň könelmegi", "Arzan we tiz könelýän | 1.<br>2.<br>3.<br>4. | "Sap (netto) – balans"<br>"Brutto – balans"<br>Deslapky balans<br>Jemleýji balans |

| | | | |
|---|---|---|---|
| | zatlaryň könelmegi", "Söwda goşundysy", "Peýdanyň ulanylyşy" diýen maddalary bolmadyk balansa nähili at berilýär? | | |
| 5. | Balansyň maddasy näme? | 1.<br><br><br>2.<br><br>3. | Serişdeleriň (aktiwleriň) we olaryň emele gelen çeşmeleriniň (passiwleriň) aýry-aýry görnüşleri.<br>Emläkleriň we olaryň emele gelen çeşmeleriniň görnüşleriniň topary.<br>Hojalyk serişdeleriniň we olaryň emele gelen çeşmeleriniň aýry-aýry görnüşlerini ýa-da toparlarynyň görnüşlerini häsiýetlendirýän balansyň aktiwiniň we passiwiniň görkezijisidir, her bir setiridir. |
| 6. | Kärhananyň işgärleri buhgalter balansynda görkezilýän resursmydyr (emläk ýa-da çeşmemidir)? | 1.<br>2.<br>3.<br>4. | Howa.<br>Hemişe däl.<br>Ýok.<br>Kärhananyň dolandyryjylary (eýeleri) tarapyndan talap edilende. |
| 7. | Balansyň ýüz tarapynda kärhananyň ady we düzülýän senesi hemişe görkezilýärmi? | 1.<br>2.<br>3. | Talap edilen ýagdaýda.<br>Hemişe.<br>Kärhanany döredijilere (eýelerine) tabşyrylanda. |
| 8. | Balansyň maglumatlary boýunça kärhananyň tölege ukyplylygyny kesgitlemek mümkinmi? | 1.<br>2.<br>3.<br>4. | Ýok.<br>Howa.<br>Goşmaça maglumatlar bolan ýagdaýynda.<br>Diňe ýyllyk balans boýunça. |
| 9. | Kärhananyň kassasyndan işgärlere zähmet haky berlen ýagdaýynda buhgalter balansynda nähili üýtgeme bolup geçýär? | 1.<br>2.<br><br>3.<br><br>4. | Balansyň jemi üýtgemeýär.<br>Balansyň aktiwi we passiwi azalýar we jem azalýar.<br>Aktiwiň jemi azalyp, passiwiň jemi köpelýär.<br>Balansyň aktiwiniň we passiwiniň jemi artýar. |
| 10. | Dördünji çärýek üçin buhgalter balansy düzülýärmi? | 1.<br>2.<br>3.<br>4. | Ýok.<br>Howa;<br>Gerek bolan ýagdaýynda.<br>Gysgaldylan görnüşde. |

**Türgenleşik üçin şu ýumşy ýerine ýetiriň:**

Şu aşakdaky maglumatlaryň esasynda sazlaýjy hasap maglumatlaryny öz içine alýan "balans-bruttany" we olaryň jeme goşulmaýan "balans-nettony" ("Sap balansy") düzüň.

*3.10-njy tablisa*

| T/b | Balansyň görkezijileri | Pul möçberi (manat) |
|---|---|---|
| 1. | Esasy serişdeler: | |

| | | |
|---|---|---|
| | Ilkibaşdaky gymmaty<br>köneleni | 1200000<br>400000 |
| 2. | Maddy däl aktiwler:<br>Ilkibaşdaky gymmaty<br>köneleni | <br>800000<br>300000 |
| 3. | Arzan we tiz könelýän zatlar:<br>Ilkibaşdaky gymmaty<br>köneleni | <br>750000<br>350000 |
| 4. | Harytlar:<br>satyş bahada<br>söwda goşundysy | <br>140000<br>20000 |
| 5. | Peýda<br>Ulanylany | 900000<br>600000 |
| 6. | Esaslyk maýa | 1520000 |

**4-nji tema. Buhgalter hasabynyň hasaplary we jübüt ýazgy**

**Hasaplaryň maksatlary we hojalyk amallarynyň görkeziliş usullary. Balans bilen hasaplaryň arasyndaky özara baglanyşyk.**

**Mysallaryň maksady**: hasaplaryň maksadyny, hasaplar boýunça hojalyk amallarynyň jübüt ýazgy usuly bilen görkezilişiniň usulyny we tertibini, aýlanyşyklaryny we hasabat döwrüniň (aýyň) ahyryna aktiw we passiw hasaplarda debet we kredit boýunça galyndylary kesgitlemegi, balans we hasaplaryň arasyndaky özara baglanyşyklary öwrenmek.

Aşakda getirilen kärhananyň balansynyň maddalarynyň esasynda buhgalter hasabynyň hasaplaryny açmaly we olarda hasabat döwrüniň (aýyň) başyndaky galyndylary ýazmaly. Hasaplarda hojalyk amallaryny görkezmeli, aýlanyşyklary we hasabat döwrüniň (aýyň) ahyryndaky galyndylary kesgitlemeli, hasabat döwrüniň ahyryna kärhananyň balansyny düzmeli.

**Mysal işlemegiň usuly:** buhgalter hasabynyň hasaplaryny aşakdaky görnüşde açmaly:

Hasap ____________________________
(ady we belgisi)

| Debet | Kredit |
|---|---|
| | |

Getirilen hojalyk amallaryny ilkibaşda hojalyk amallarynyň bellige alynýan belliknamasynda hasaplaryň aragatnaşygyny görkezip tertipleşdirmeli, soňra bolsa olary degişli hasaplar boýunça ýazyp çykmaly.

**Bellige alynýan belliknamanyň görnüşi.**

*4.1-nji tablisa*

**Hojalyk amallary bellige alynýan belliknama**

______________________2008-nji ýylyň ______________________ üçin
kärhananyň ady (aý)

| T/b | Hojalyk amallarynyň mazmuny | Hasaplaryň aragatnaşygy | | Pul möçberi (manat) |
|---|---|---|---|---|
| | | debeti boýunça | krediti boýunça | |
| 1. | Işgärlere zähmet hakyny bermek üçin hasaplaşýk hasabyndan kassa pul alyndy | Kassa | Hasaplaşyk hasaby | 381000 |
| … | … | … | … | … |

**Bellik:** Buhgalter balansy iş ýüzünde manatda düzülýär, hasaplar bolsa manatda we teňňede ýöredilýär.

## 4.1-nji mysal

**Mysaly işlemek üçin maglumatlar:**

**I. 2008-nji ýylyň fewral aýynyň 1-ne kärhananyň balansy**

*4.2-nji tablisa*

| T/b | Aktiw maddalar | Pul möçberi (manat) | T/b | Passiw maddalar | Pul möçberi (manat) |
|---|---|---|---|---|---|
| 1. | Esasy serişdeler | 1601600 | 1. | Esaslyk maýa | 1400000 |
| 2. | Materiallar | 220600 | 2. | Ýörite maksatly gaznalar | 883000 |
| 3. | Tamamlanmadyk önümçilik | 160800 | 3. | Haryt ugradyjylar we potratçylar bilen hasaplaşyklar | 461000 |
| 4. | Taýýar önümler | 241000 | 4. | Býujet bilen hasaplaşyklar | 160400 |
| 5. | Kassa | 11600 | 5. | Zähmet haky boýunça hasaplaşyklar | 381000 |
| 6. | Hasaplaşyk hasaby | 484200 | | | |
| 7. | Alyjylar we iş buýrujylar bilen hasaplaşyklar | 560600 | | | |
| 8. | Hasabat bermeli adamlar bilen hasaplaşyklar | 5000 | | | |
| | Balans | 3285400 | | Balans | 3285400 |

**II. 2008-nji ýylyň fewral aýyndaky hojalyk amallary**

*4.3-nji tablisa*

| T/b | Hojalyk amallarynyň mazmuny | Pul möçberi (manat) |
|---|---|---|
| 1. | Işgärlere zähmet hakyny bermek üçin hasaplaşyk hasabyndan kassa pul alyndy we girdeji edildi | 381000 |
| 2. | Haryt iberijilerden materiallar geldi we ammara girdeji edildi | 80400 |
| 3. | Önüm öndürmäge materiallar goýberildi | 160600 |
| 4. | Önüm öndürendikleri üçin işgärlere zähmet haky hasaplanyp ýazyldy | 241600 |
| 5. | Işgärlere zähmet haky berildi | 381000 |
| 6. | Alyjylardan hasaplaşyk hasabyna pul gelip gowuşdy | 501600 |
| 7. | Işgärlere ýazylan zähmet hakyndan girdeji salgydy tutuldy | 19000 |
| 8. | Hasaplaşyk hasabyndan býujete salgytlar boýunça bergileri üzmek üçin pul geçirildi | 160400 |
| 9. | Önümçilikden çykarylan taýýar önümler ammara girdeji edildi | 100800 |
| 10. | Haryt iberijilere hasaplaşyk hasabyndan alnan materiallar boýunça bergileri üzmek üçin pul geçirildi | 361400 |

## 4.2-nji mysal

**Mysalyň maksady:** Aktiw hasaplaryň maksadyny we mazmunyny öwrenmek, olardaky debet we kredit boýunça ýazgylary, şeýle hem aýyň soňuna galan galyndylary kesgitlemek.

2008-nji ýylyň maý aýynyň 1-ine hasaplar boýunça galyndylar (manat):

| | |
|---|---|
| 10 “Materiallar” | 800000 |
| 50 “Kassa” | 2500 |
| 51 “Hasaplaşyk hasaby” | 997500 |

**2008-nji ýylyň maý aýyndaky hojalyk amallary**

*4.4-nji tablisa*

| T/b | Hojalyk amallarynyň mazmuny | Pul möçberi (manat) |
|---|---|---|
| | **10. “Materiallar hasaby ” boýunça** | |
| 1. | Kärhananyň önümçilik sehlerinden ulanylmadyk materiallar we material galyndylary ammara kabul edildi | 150 |
| 2. | Kärhananyň önümçilik sehlerine önüm öndürmek üçin materiallar goýberildi | 550000 |
| 3. | Haryt iberijilerden materiallar gelip gowuşdy we girdeji edildi | 200000 |
| | **50 “Kassa” hasaby boýunça** | |
| 4. | Işgärlere zähmet hakyny bermek üçin hasaplaşyk hasabyndan kassa nagt pul alyndy we girdeji edildi | 600000 |
| 5. | Işgärlere kassadan zähmet haky berildi | 600000 |
| 6. | Iş saparyna gidýän işgärlere kassadan pul berildi | 1700 |
| | **51 “Hasaplaşyk hasaby” boýunça** | |
| 7. | Işgärlere zähmet hakyny bermek üçin çek boýunça kassa nagt pul alyndy | 600000 |
| 8. | Iberilen harytlar üçin satyn alyjylardan pul gelip gowuşdy | 400000 |
| 9. | Býujete salgytlar boýunça bergileri üzmek üçin pul geçirildi | 157500 |

Mysaly şeýle tertipde işlemeli:

1. Aýyň başyndaky galyndylaryň esasynda aktiw hasaplary açmaly – degişli hasabyň adyny, san belgisini we başdaky galyndysyny debet tarapyna ýazmaly.
2. Hojalyk amallaryny degişli hasaplar boýunça ýazmaly, debet we kredit boýunça ýazgylary aýratynlykda jemlemeli, soňra olar boýunça aýyň soňuna galan galyndylary kesgitlemeli. Debet we kredit boýunça ýazgylaryň jemine degişlilikde, debetdäki aýlanyşyk we kreditdäki aýlanyşyk diýilýär. Aýlanyşyk jemlenende ilkibaşky galyndy hasaba alynmaýar.

Aktiw hasaplarda soňky galyndy şeýle hasaplanýar:

$$Sg=Bg+Da-Ka$$

**Sg** – soňky galyndy ;
**Bg –** başdaky galyndy;
**Da** – debet boýunça aýlanyşyk;
**Ka** – kredit boýunça aýlanyşyk;

Aýdylanlardan ugur alyp, 10 “Materiallar”, 50 “Kassa”, 51 “Hasaplaşyk hasaby” hasaplaryny öwreneliň.

Debet 10 “Materiallar “ Kredit

| | | | |
|---|---|---|---|
| **01.05. 2008ý. Başdaky galyndy (Bg)** | 800000 | | |
| 1. Kärhananyň önümçilik sehlerinden ulanylmadyk | 150 | 2. Kärhananyň önümçilik sehlerine önüm | 550000 |

| | | | |
|---|---|---|---|
| material galyndylary ammara kabul edildi | | öndürmek üçin materiallar goýberildi | |
| 3. Haryt iberjilerden materiallar gelip gowuşdy we girdeji edildi | 200000 | | |
| **Maý aýyndaky aýlanyşyk (Da)** | 200150 | **Maý aýyndaky aýlanyşyk (Ka)** | 550000 |
| **01.06.2008ý. Soňky galyndy (Sg)** | 450150 | | |

Galyndylaryň we hojalyk amallarynyň hasaplarda görkezilişini, şeýle hem soňky edilmeli hereketleri, mysal üçin, getirilen üç şahsy hasapda hasaplanyşy:

Sg=Bg+Da-Ka 450150=800000+200150-550000

Aktiw hasaplarda soňky galyndynyň dogrulygynyň barlanyşy:

Sg+Ka=Bg+Da 450150+550000=800000+200150

1000150 = 1000150

50 “Kassa” we 51 “Hasaplaşyk hasaby” hasaplaryndaky ýazgylar hem ýokarda görkezilen 10 “Materiallar” hasabyndaky ýalydyr.

Özüňizi barlamak üçin:

Soňky galyndylar: 50 “Kassa” – 800;
51 “Hasaplaşyk hasaby” – 640000.

**4.3-nji mysal**

**Mysalyň maksady:** Passiw hasaplaryň maksadyny we mazmunyny öwrenmek. Olaryň debeti we krediti boýunça ýazgylaryň geçirilişini, aýlanyşyklaryň we soňky galyndynyň kesgitlenişini özleşdirmek. Mysal hökmünde 70 “Zähmet haky boýunça hasaplaşyklar”, 68 “Býujet bilen hasaplaşyklar”, 90 “Banklaryň gysga möhletleýin karzlary” hasaplaryny öwreneliň.

**I. 2008-nji ýylyň maý aýynyň 1-ne galyndylar (manat):**

| | |
|---|---|
| 68 “Býujet bilen hasaplaşyklar” | 160000 |
| 70 “Zähmet haky boýunça hasaplaşyklar” | 210000 |
| 90 “Banklaryň gysga möhletleýin karzlary” | 130000 |

**II. 2008-nji ýylyň maý aýyndaky hojalyk amallary**

*4.5-nji tablisa*

| T/b | Hojalyk amallarynyň mazmuny | Pul möçberi (manat) |
|---|---|---|
| | **68 “Býujet bilen hasaplaşyklar“ hasaby boýunça** | |
| 1. | Hasaplaşyk hasabyndan býujete salgytlar boýunça bergi üzmek üçin pul geçirildi | 157500 |
| 2. | Işgärleriň zähmet hakyndan girdeji salgydy tutuldy | 16000 |
| 3. | Satylan harytlara goşulan baha üçin salgyt hasaplandy (15%) | 75000 |
| | **70 “Zähmet haky boýunça hasaplaşyklar” hasaby boýunça** | |
| 4. | Esasy önümçiligiň işçilerine zähmet haky hasaplanyp ýazyldy | 420000 |
| 5. | Işgärleriň zähmet haklaryndan girdeji salgydy tutuldy | 16000 |
| 6. | Işgärlere kassadan zähmet haky berildi | 600000 |

| 90 “Banklaryň gysga möhletleýin karzlary” hasaby boýunça | | |
|---|---|---|
| 7. | Hasaplaşyk hasabyna bankdan alnan gysga möhletli karzlar girdeji edildi | 260000 |
| 8. | Gysga möhletleýin bank karzlaryny üzlüşmek maksady bilen hasaplaşyk hasabyndan pul geçirildi | 390000 |

4.2-nji mysal ýaly yzygiderli işlenilýär.

**70 “Zähmet haky boýunça hasaplaşyklar”**

| Amallaryň mazmuny | Pul möçberi (manat) | Amallaryň mazmuny | Pul möçberi (manat) |
|---|---|---|---|
| 5. Işgärleriň zähmet haklaryndan girdeji salgydy tutuldy. | 16000 | **01.05.2008ý.**<br>**Başdaky galyndy (Bg)** | 210000 |
| 6. Kassadan işgärlere zähmet haky berildi | 600000 | 4. Esasy önümçiligiň işçilerine zähmet haky bellenildi | 420000 |
| **Maý aýyndaky aýlanyşyk (Da)** | 616000 | **Maý aýyndaky aýlanyşyk (Ka)** | 420000 |
| | | **0106.2008ý.**<br>**Soňky galyndy (Sg)** | 14000 |

Soňky galyndynyň hasaplanylşy (Passiw hasaplarda):

**Sg=Bg+Ka-Da** Barlanyşy: Da+Sg=Ka+B

(616000 + 140000 = 420000 + 210000) 630000 = 630000

**4.4-nji mysal**

**Mysalyň maksady:** Buhgalter hasabynyň aktiw-passiw hasaplarynyň mazmunyny öwrenmek. Olaryň debeti we krediti boýunça ýazgylaryň manysyna düşünmek, aýlanyşyklary we soňky galyndylary kesgitlemegi özleşdirmek. Mysal hökmünde 76 “Dürli bergidarlar we algydarlar bilen hasaplaşyklar” hasabyny öwreneliň. Ol Türkmenistanda hereket edýän hasaplar meýilnamasynda ýeke-täk özboluşlylygy bilen tapawutlanýan hasapdyr. Bu hasapda aktiw we passiw hasap birleşdirilendir – bergidarlar bilen hasaplaşyklar (aktiw) we algydarlar bilen hasaplaşyklar (passiw) hasaplar. Şu sebäpden onuň mazunyna düşünmek üçin hojalyk amallarynyň manysyna aýratyn üns berip galyndylary hasaplamalydyr. Bu hasapda galyndy debetde-de, kreditde-de hem galýandyr. Onuň debetdäki galyndysy balansyň aktiwinde, kreditdäki bolsa passiwde görkezilýär.

**I. 2008-nji ýylyň maý aýynyň 1-ne galan galyndylar (manat):**

algylar - 16000
bergiler - 32000

**II. 2008-nji ýylyň maý aýynda bolan hojalyk amallary**

4.6-njy tablisa

| T/b | Hojalyk amallarynyň mazmuny | Pul möçberi (manat) |
|---|---|---|
| 1. | Kärhananyň umumy ýaşaýyş jaýyndaky ýaşaýjylarynyň jaý tölegi we jemagat hyzmatlary boýunça bergileri artdy | 1000 |

| | | |
|---|---|---|
| 2. | Işgärleriň umumy ýaşaýyş jaýy we jemagat hyzmatlary üçin tölegleri kassa kabul edildi | 800 |
| 3. | Işgärleriň öz wagtynda almadyk (deponirlenen) zähmet haklary kassadan tölendi | 8000 |
| 4. | Işgärleriň zämet haklaryndan aliment tutuldy | 7500 |

Mysalyň işleniş usuly şunuň ýalydyr.

**76 "Her hili algydarlar we bergidarlar bilen**
**Debet hasaplaşyklar" Kredit**

| | | | |
|---|---|---|---|
| **01.05.2008ý. Başdaky galyndy (Bg)** | 16000 | **01.05.2008ý. Başdaky galyndy (Bg)** | 32000 |
| 1. Kärhananyň umumy ýaşaýyş jaýyndaky ýaşaýjylaryň jaý we jemagat hyzmatlary üçin bergileri artdy | 1000 | 2. Işgärleriň umumy ýaşaýyş jaýy we jemagat hyzmatlary üçin tölegleri kassa kabul edildi | 800 |
| 3. Işgärleriň öz wagtynda almadyk (deponirlenen) zähmet haklary kassadan tölendi | 8000 | 4. Işgärleriň zämet haklaryndan aliment tutuldy | 7500 |
| **Maý aýyndaky aýlanyşyk** | 9000 | **Maý aýyndaky aýlanyşyk** | 8300 |
| **0106.2008ý. Soňky galyndy (Sg)** | 16200 | **0106.2008ý. Soňky galyndy (Sg)** | 31500 |

**4.5-nji mysal**

Mysal işlemek üçin:

1) Hasaplary sapakda ulanylýan şekilde açmaly we olarda 2008-nji ýylyň iyul aýynyň 1-indäki galyndylary ýazmaly.
2) Amallaryň bellige alynýan belliknamasyny çyzmaly we onda buhgalter ýazgylaryny düzmeli.
3) Buhgalter ýazgylaryny jemlenen hasabyň hasaplarynda görkezmeli.
4) Iýul aýyndaky aýlanyşyklary we aýyň ahyryna galan galyndylary hasaplamaly.
5) Aýyň ahyryna balans düzmeli.

**Mysal işlemek üçin maglumatlar:**

*4.7-nji tablisa*

**I . Jemlenen hasaplar boýunça başdaky galyndylar**

| Hasaplaryň san belgisi | Hasaplaryň ady | Pul möçberi (manat) |
|---|---|---|
| 01 | Esasy serişdeler | 3383000 |
| 10 | Materiallar | 1055000 |
| 20 | Esasy önümçilik | 300000 |
| 40 | Taýýar önümler | 275000 |
| 50 | Kassa | 1000 |
| 51 | Hasaplaşyk hasaby | 360000 |
| 60 | Haryt iberijiler we potratçylar bilen hasaplaşyklar | 73000 |
| 68 | Býujet bilen hasaplaşyklar | 15000 |
| 70 | Zähmet haky boýunça hasaplaşyklar | 105000 |
| 71 | Hasabat bermeli adamlar bilen hasaplaşyklar | 90 |

| | | |
|---|---|---|
| 76 | Her hili algydarlar we bergidarlar bilen hasaplaşyklar:<br>1. Bergidarlar<br>2. Algydarlar | <br>38910<br>20000 |
| 85 | Esaslyk maýa | 4800000 |
| 90 | Banklaryň gysga möhleleýin karzlary | 400000 |
| Balans | | 5413000 |

## II. 2008-nji ýylyň iyul aýyndaky hojalyk amallary

*4.8-nji tablisa*

| T/b | Hojalyk amallarynyň mazmuny | Pul möçberi (manat) |
|---|---|---|
| 1. | Haryt iberijilerden esasy materiallar geldi we girdeji edildi (puly häzir tölenmedik) | 16000 |
| 2. | Haryt iberijilere hasaplaşyk hasabyndan berginiň bir bölegini üzmek üçin pul geçirildi | 38000 |
| 3. | Önüm öndürmäge esasy materiallar goýberildi | 118500 |
| 4. | Hasabat bermeli adamlardan hasabat berilmeli pullaryň galyndysy kassa kabul edildi | 90 |
| 5. | Işgärlerden býujete geçirmäge degişli salgytlar tutuldy | 8000 |
| 6. | Işgärlere zähmet hakyny bermek üçin hasaplaşyk hasabyndan kassa nagt pul alyndy | 97000 |
| 7. | Hasaplaşyk hasabyndan býujete bergi üzmek üçin pul geçirildi | 23000 |
| 8. | Işgärlere kassadan zähmet haky berildi | 97000 |
| 9. | Gysga möhletleýin karzlar boýunça bergileri üzmek üçin hasaplaşyk hasabyndan banka pul geçirildi | 160000 |
| 10. | Hasabat bermeli adamlara kassadan nagt pul berildi | 200 |
| 11. | Hasaplaşyk hasabyna bankyň gysga möhletleýin karzlary kabul edildi | 60000 |
| 12. | Bergidarlardan bergilerini üzmek üçin hasaplaşyk hasabyna pul gelip gowuşdy | 19260 |

**Mysalyň işleniş usuly:** mysaly işlemek üçin, şu şekildäki hasaplary açyň:

Debet **50 "Kassa" hasaby (aktiw hasap)** Kredit

| | | | |
|---|---|---|---|
| 01.07.2008ý.<br>Başdaky galyndy | 1000 | 8)<br>10) | 97000<br>200 |
| 4)<br>6) | 90<br>97000 | | |
| Iýul aýyndaky aýlanyşyk Da | 97090 | Iýul aýyndaky aýlanyşyk Ka | 97200 |
| 01.08.2008ý.<br>Soňky galyndy | 890 | | |

**60 “Haryt iberijiler we potratçylar bilen**
Debet **hasaplaşyklar” hasaby (passiw hasap)** Kredit

| | | | |
|---|---|---|---|
| 2) | 38000 | 01.07.2008ý. Başdaky galyndy | 73000 |
| | | 1) | 16000 |
| Iýul aýyndaky aýlanyşyk Da | 38000 | Iýul aýyndaky aýlanyşyk Ka | 16000 |
| | | 01.08.2008ý. Soňky galyndy | 51000 |

Buhgalter hasabynyň hasaplaryny açanyňyzdan soňra, hasabat aýyndaky hojalyk amallary bellige alynýan belliknamada (depderde) buhgalter ýazgylaryny özbaşdak düzüň (4.9-njy tablisa).

*4.9-njy tablisa*

**2008-nji ýylyň iyul aýy üçin kärhananyň hojalyk amallaryny bellige alýan belliknamasy (depderi)**

| T/b | Hojalyk amallarynyň mazmuny | Hasaplaryň aragatnaşygy | | Pul möçberi (manat) |
|---|---|---|---|---|
| | | Debet | Kredit | |
| 1. | Haryt iberijilerden esasy materiallar geldi we olar ammara girdeji edildi | 10 “Materiallar” | 60 “Haryt iberijiler we potratçylar bilen hasaplaşyklar” | 16000 |
| .. | … | ... | … | ... |
| 12. | Hasaplaşyk hasabyna bergidalardan bergilerini üzmek üçin pul gelip gowuşdy | 51 “Hasaplaşyk hasaby” | 76 “Her hili algydarlar we bergidarlar bilen hasaplaşyklar” | 19260 |

Balansy adatdaky görnüşde düzmeli.

**4.6-njy mysal**

**Mysaly işlemek üçin:**

1. Balansyň maglumatlary boýunça jemlenen hasabyň hasaplaryny açmaly we olarda aýyň başyndaky galyndylary ýazmaly.
2. Hojalyk amallary bellige alynýan belliknamada (depderde) hojalyk amallaryny ýazmaly we buhgalter ýazgylaryny düzmeli (debetlenýän we kreditlenýän hasaplary görkezmeli).
3. Buhgalter ýazgylaryny jemlenen hasabyň hasaplarynda görkezmeli.
4. Hasaplarda aýlanyşyklary jemlemeli we aýyň ahyryndaky galyndyny hasaplamaly.
5. Jemlenen hasabyň hasaplary boýunça aýlanyşyk wedomostyny düzmeli.
6. Aýlanyşyk wedomostynyň esasynda 2008-nji ýylyň sentýabr aýynyň 1-ne balans düzmeli.

**Mysal işlemek üçin maglumatlar:**

4.10-njy tablisa

**I. 2008-nji ýylyň awgust aýynyň 1-ne kärhananyň balansy**

| Aktiw | | | Passiw | | |
|---|---|---|---|---|---|
| Hasaplaryň belgisi | Hasaplaryň atlary | Pul möçberi (manat) | Jemlenen hasaplaryň belgisi | Hasaplaryň atlary | Pul möçberi (manat) |
| 01 | Esasy serişdeler | 410000 | 85 | Esaslyk maýa | 550000 |
| 10 | Materiallar | 210000 | 80 | Peýdalar we zyýanlar | 30000 |
| 20 | Esasy önümçilik | 10000 | 86 | Ätiýaçlyk gory | 51000 |
| 40 | Taýýar önümler | 20000 | 90 | Banklaryň gysga möhletileyin karzlary | 25000 |
| 50 | Kassa | 1500 | 60 | Haryt iberijiler we potratçylar bilen hasapla-şyklar | 40000 |
| 51 | Hasaplaşyk hasaby | 88500 | 70 | Zähmet haky boýunça hasaplaşyklar | 50000 |
| 76 | Her hili bergidarlar bilen hasaplaşyklar | 11000 | 76 | Her hili algydarlar bilen hasaplaşyklar | 5000 |
| | Jemi | 751000 | | Jemi | 751000 |

**II. 2008-nji ýylyň awgust aýyndaky hojalyk amallary**

*4.11-nji tablisa*

| T/b | Hojalyk amallarynyň mazmuny | Pul möçberi (manat) |
|---|---|---|
| 1. | Keseki kärhanalardan mugtuna esasy serişdeler alyndy | 40000 |
| 2. | Ammardan esasy önümçilige materiallar goýberildi | 70000 |
| 3. | Esasy önümçilikde işleýän işçilere zähmet haky hasaplanyp ýazyldy | 30000 |
| 4. | Zähmet hakyndan girdeji salgydy tutuldy | 2400 |
| 5. | Esasy önümçilikdäki işçileriň zähmet hakynyň 20% möçberinde durmuş ätiýaçlandyrmasyna geçirmeli puluň möçberi hasaplandy (harajatlara goşmaly) | 6000 |
| 6. | Hasaplaşyk hasabyndan zähmet hakyny bermek üçin, kassa nagt pul alyndy | 50000 |
| 7. | Işgärlere kassadan zähmet haky berildi | 48500 |
| 8. | Berilmedik zähmet haky hasaplaşyk hasabyna gaýtarylyp tabşyryldy | 1500 |
| 9. | Esasy önümçilikden taýýar önüm çykaryldy we ammara kabul | 90000 |

| | | |
|---|---|---|
| | edildi | |
| 10. | Satyn alyjylara goýberilen taýýar önümler hakyky düşýän gymmaty boýunça hasapdan çykaryldy | 100000 |
| 11. | Satyn alyjylara alan önümleri üçin tölenmäge berlen hasabyň möçberi (Goşulan baha üçin salgydy hem öz içine alýar) | 143750 |
| 12. | Kärhananyň satan önümleri boýunça býujete tölemeli goşulan baha üçin salgydy | 18750 |
| 13. | Satyn alyjylar hasaplaşyk resminamalaryna laýyklykda alan önümleriniň bahasyny tölediler. Tölenen pullar hasaplaşyk hasabyna gelip gowuşdy | 143750 |
| 14. | Taýýar önümleri satmakdan alnan peýda 80 ”Peýdalar we zyýanlar” hasabyna geçirildi | 25000 |
| 15. | Hasaplaşyk hasabyndan pul geçirildi:<br>a) bankyň gysga möhletleýin karzlaryny üzmek üçin<br>b) býujete goşulan baha üçin salgyt boýunça bergini üzmek maksady bilen<br>ç) algydarlaryň algylaryny üzmek üçin | <br>25000<br><br>18750<br>5000 |
| | Jemi | 818400 |

**Mysalyň işleniş usuly:**

1) Aýlanyşyk wedomostyny aşakdaky görnüşde düzmeli.
2) Jemlenen hasaplaryň şekili öňki mysalda görkezilen.
3) Hojalyk amallary bellige alynýan belliknamanyň (depderiň) şekili öňki mysalda getirilendir.

4.12-nji tablisa

**2008-nji ýylyň awgust aýy üçin jemlenen hasabyň hasaplary boýunça aýlanyşyk wedomosty (manat)**

| T/b | Hasaplaryň atlary | Hasap-laryň belgisi | Hasaplardaky aýyň başyndaky galyndylar | | Aýyň dowamyndaky aýlanyşyklar | | Hasaplardaky aýyň başyndaky galyndylar | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | debet | kredit | debet | kredit | debet | kredit |
| 1. | Esasy serişdeler we beýlekiler | 01<br>... | 410000<br>... | -<br>... | 40000<br>... | -<br>... | 450000<br>... | -<br>... |
| | Jemi | … | 751000 | 751000 | 818400 | 818400 | … | … |

### 4.7-nji mysal

**Mysalyň maksady**: jemlenen we jikme-jik hasaplaryň maksatlaryny, olaryň arabaglanyşygyny öwrenmek. Jikme-jik hasaplar boýunça aýlanyşyk wedomostlarynyň, jemlenen hasabyň hasaplary boýunça bolsa küşt öýjükleri şekilli aýlanyşyk wedomostynyň düzülişini özleşdirmek. Jikme-jik hasabyň maglumatlaryny degişli jemlenen hasabyňky bilen deňeşdirip görmeklik.

Mysaly işlemek üçin aşakdaky talaplary ýerine ýetirmeli:

1. Berlen maglumatlaryň esasynda jemlenen we jikme-jik hasabyň hasaplaryny açmaly.
2. Geçirilen hojalyk amallary boýunça hasaplaryň aragatnaşygyny düzmeli.
3. Amallary jemlenen we jikme-jik hasabyň hasaplaryna ýazmaly.

4. Her bir hasap boýunça aýyň dowamyndaky aýlanyşyklaryň jemlerini we 2008-nji ýylyň oktýabr aýynyň 1-ne galyndylary hasaplamaly.
5. Jemlenen hasabyň hasaplary boýunça küşt öýjükli şekilli aýlanyşyk wedomostyny düzmeli.
6. Jikme-jik hasabyň 10 "Materiallar" we 60 "Haryt iberijiler we potratçylar bilen hasaplaşyklar" hasaplary boýunça aýlanyşyk wedomostlaryny düzmeli.

## I. 2008-nji ýylyň sentýabr aýynyň 1-ine jemlenen hasabyň hasaplary boýunça galyndylar

**4.13-nji tablisa**

| Hasaplaryň san belgisi | Hasaplaryň ady | Pul möçberi (manat) |
|---|---|---|
| 01 | Esasy serişdeler | 8500000 |
| 10 | Materiallar | 940000 |
| 20 | Esasy önümçilik | 160000 |
| 40 | Taýýar önümler | 200000 |
| 50 | Kassa | 1200 |
| 51 | Hasaplaşyk hasaby | 198800 |
| 60 | Haryt iberijiler we potratçylar bilen hasaplaşyklar | 250000 |
| 70 | Zähmet haky boýunça hasaplaşyklar | 230000 |
| 71 | Hasabat bermeli adamlar bilen hasaplaşyklar (galyndy kreditinde) | 2000 |
| 85 | Esaslyk maýa | 9340000 |
| 90 | Banklaryň gysga möhletleýin karzlary | 78000 |
| 80 | Peýdalar we zyýanlar (peýda) | 100000 |

## II. Jikme-jik hasaplaryň maglumatlary

1. 10 "Materiallar" hasaby boýunça 2008-nji ýylyň sentýabr aýynyň 1-ne galyndylar

*4.14-nji tablisa*

| T/b | Materiallaryň görnüşleri | Ölçeg birligi | Mukdary | Nyrhy (manat) | Jemi pul möçberi (manat) |
|---|---|---|---|---|---|
| 1. | Material "A" | Tonna | 1000 | 70-00 | 70000 |
| 2. | Material "B" | Sany | 20000 | 20-00 | 400000 |
| 3. | Material "Ç" | Kg | 1000 | 30-00 | 30000 |
| 4. | Material "D" | $M^2$ | 4000 | 10-00 | 40000 |
| 5. | Material "E" | $M^3$ | 10000 | 40-00 | 400000 |
| Jemi | | - | - | - | 940000 |

2. 60 "Haryt iberijiler we potratçylar bilen hasaplaşyklar" hasaby boýunça 2008-nji ýylyň sentýabr aýynyň 1-ne bergileriň galyndylary

*4.15-nji tablisa*

| T/b | Haryt iberijiler | Pul möçberi (manat) |
|---|---|---|
| 1. | № 1 haryt iberiji | 80000 |
| 2. | № 2 haryt iberiji | 170000 |
| Jemi: | | 250000 |

## III. 2008-nji ýýlyň sentýabr aýyndaky hojalyk amallary

*4.16-njy tablisa*

| T/b | Hojalyk amallarynyň mazmuny | Pul möçberi (manat) |
|---|---|---|
| 1. | Haryt iberijilere bergileri üzmek üçin pul geçirildi:<br>№ 1 haryt iberijä – 40000<br>№ 2 haryt iberijä – 100000<br>Jemi: | 140000 |
| 2 | № 1 haryt iberijiden materiallar alyndy we girdeji edildi:<br>Material "A" 1500 tonna, 1 tonnasynyň bahasy 70 manat, jemi 105000 manat<br>Material "B" 5000 sany, biriniň bahasy 20 manat, jemi 100000 manat<br>Jemi: | 205000 |
| 3. | Hasaplaşyk hasabyna bankyň gysga möhletleýin karzlary girdeji edildi | 500000 |
| 4. | Esasy önümçilige şu aşakdaky materiallar ammardan goýberildi:<br>Material "A" – 1800 tonna, jemi 126000 manat<br>Material "B" – 24000 sany, jemi 480000 manat<br>Material "Ç" – 500 kg, jemi 15000 manat<br>Material "D" – 1000 $m^2$, jemi 10000 manat<br>Jemi: | 631000 |
| 5. | Zähmet hakyny bermek üçin hasaplaşyk hasabyndan kassa pul alyndy | 230000 |
| 6. | Işgärlere kassadan zähmet haky berildi | 220000 |
| 7. | Işgärleriň öz wagtynda talap etmedik (almadyk) zähmet haklary kassadan hasaplaşyk hasabyna yzyna tabşyryldy | 10000 |
| 8. | №2 haryt iberijiden şu aşakdaky materiallar alyndy we girdeji edildi:<br>Material "Ç" 800 kg, jemi 24000 manat<br>Material "D" 2000 $m^2$, jemi 20000 manat<br>Jemi: | 44000 |
| 9. | Haryt iberijilere bergileri üzmek üçin pul geçirildi:<br>№1 haryt iberijä – 205000 manat<br>№2 haryt iberijä – 114000 manat<br>Jemi: | 319000 |
| 10. | Esasy önümçilikden çykan taýýar önümler hakyky düşýän gymmatlary boýunça ammara girdeji edildi | 70000 |
| 11. | Başga bir zawoddan esasy serişdelere degişli obýekt kabul edildi | 120000 |

**Mysaly işlemegiň usuly:**

10 " Materiallar " hasaby boýunça jikme-jik hasaplary şu görnüşde açyň:

**"A" materiallar hasaby**

Girdeji 1 tonnasynyň bahasy 70 manat Çykdajy

| Hojalyk amalynyň t/b | Mukdary (tonnada) | Jemi pul möçberi (manat) | Hojalyk amalynyň t/b | Mukdary (tonnada) | Jemi pul möçberi (manat) |
|---|---|---|---|---|---|
| 01.09.2008ý. Başdaky galyndy | 1000 | 70000 | | | |

60 “Haryt iberijiler we potratçylar bilen hasaplaşyklar” hasabyň jikme-jik hasaplaryny şu şekilde açmaly:

**“Haryt iberijiler we potratçylar bilen hasaplaşyklar” hasaby**

Debet 1-nji haryt iberiji Kredit

| | |
|---|---|
| | 01.09.2008ý. Başdaky galyndy 80000 |
| | |
| | |
| | |

Haryt-maddy gymmatlyklaryň jikme-jik hasaplary boýunça aýlanyşyk wedomostyny aşakdaky görnüşde düzmeli:

**10 “ Materiallar ” hasabynyň jikme-jik hasaplary boýunça 2008-njy ýylyň sentýabr aýy üçin aýlanyşyk wedomosty**

| T/b | Materiallaryň atlary | Ölçeg birligi | Biriniň bahasy (manat) | Aýyň başyndaky galyndy | | Aýdaky girdejiler | | Aýdaky çykdajylar | | Aýyň soňundaky galyndy | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | | Mukdary | Gymmaty (manat) | Mukdary | Gymmaty (manat) | Mukdary | Gymmaty (manat) | Mukdary | Gymmaty (manat) |
| | | | | | | | | | | | |
| | | | | | | | | | | | |

Hasaplaşyklar hasaplarynyň jikme-jik hasaplary boýunça aýlanyşyk wedomostyny şu aşakdaky görnüşde düzüň:

**60 “Haryt iberijiler we potratçylar bilen hasaplaşyklar” hasabynyň jikme-jik hasaplary boýunça 2008-nji ýylýn sentýabr aýynyň aýlanyşyk wedomosty**

| T/b | Haryt iberijileriň we potratçylaryň atlary | Aýyň başyndaky galyndy | | Aýyň dowamyndaky aýlanyşyk | | Aýyň soňundaky galyndy | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | debet | kredit | debet | kredit | debet | kredit |
| | | | | | | | |
| | | | | | | | |

Küşt öýjükli şekilli aýlanyşyk wedomostyny şu aşakdaky ýaly düzüň:

| Hasaplaryň san belgisi | Kreditlenýän hasaplar / Debetlenýän hasaplar | Aýyň başyndaky galyndy | | 01 “Esasy serişdeler” | We beýlekiler | … | Debet boýunça jemi aýlanyşyk | Aýyň ahyryndaky galyndylar | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | Dt | Kt | | | | | Dt | Kt |
| 01 | “Esasy serişdeler” | … | - | | | | … | … | - |
| … | … | | | … | … | … | … | | |
| | | | | | | | | | |
| | Kredit boýunça jemi aýlanyşyk | - | - | … | … | … | … | - | - |
| | Galyndylaryň jemi | … | … | - | - | - | - | … | … |

**4.8-nji mysal**

Aşakda getirilen hasap ýazgylarynyň esasynda hojalyk amallarynyň mazmunyny beýan ediň we hasaplaryň san belgisini aýdyň.

*4.17-nji tablisa*

| T/b | Hasaplaryň aragatnaşygy | | Pul möçberi (manat) |
|---|---|---|---|
| | Debet | Kredit | |
| 1. | Býujet bilen hasaplaşyklar | Hasaplaşyk hasaby | 60000 |
| 2. | Kassa | Hasaplaşyk hasaby | 300000 |
| 3. | Taýýar önümler | Esasy önümçilik | 70000 |
| 4. | Hasaplaşyk hasaby | Kassa | 3100 |
| 5. | Hasaplaşyk hasaby | Banklaryň gysga möhletleýin karzlary | 800000 |
| 6. | Esasy önümçilik | Zähmet haky boýunça hasaplaşyklar | 400000 |
| 7. | Umumy önümçilik çykdajylary | Zähmet haky boýunça hasaplaşyklar | 100000 |
| 8. | Umumy hojalyk çykdajylary | Zähmet haky boýunça hasaplaşyklar | 80000 |
| 9. | Materiallar | Haryt iberijiler we potratçylar bilen hasaplaşyklar | 120000 |
| 10. | Zähmet haky boýunça hasaplaşyklar | Kassa | 296900 |
| 11. | Hasabat bermeli adamlar bilen hasaplaşyklar | Kassa | 2000 |
| 12. | Zähmet haky boýunça hasaplaşyklar | Býujet bilen hasaplaşyklar | 48000 |
| 13. | Esasy önümçilik | Materiallar | 4000 |
| 14. | Zähmet haky boýunça hasaplaşyklar | Durmuş ätiýaçlandyrmalary boýunça hasaplaşyklar | 22000 |
| 15. | Hasaplaşyk hasaby | Peýdalar we zyýanlar | 7000 |
| 16. | Peýdanyň ulanylyşy | Ýörite maksatly gaznalar | 21000 |
| 17. | Ýörite maksatly gaznalar | Kassa | 2000 |
| 18. | Peýdalar we zyýanlar | Hasaplaşyk hasaby | 1200 |
| 19. | Esasy serişdeler | Ýörite maksatly gaznalar | 17000 |
| 20. | Esasy serişdeler | Düýpli maýa goýumlary | 100000 |
| 21. | Uzak möhletli maliýe goýumlary | Daşary ýurt pullarynyň hasaby | 10000 |

**Buhgalter hasabynyň hasaplary we jübüt ýazgy temasy boýunça bilimiňi özbaşdak barlamak üçin sorag-jogaplar (barlagnamalar)**

Dogry jogabyň san belgisiniň daşyny tegelemeli.

| T/b | Soraglar | T/b | Jogaplar |
|---|---|---|---|
| 1. | Buhgalter hasabynyň hasaplary diýip nämä düşünýärsiňiz? | 1.<br>2. | Aktiwleriň we passiwleriň ýagdaýlaryna yzygiderli gözegçiligiň usulydyr.<br>Hasabyň obýektleriniň belli bir pursatdaky ýagdaýyny görkezmekligiň serişdesidir. |

| | | | |
|---|---|---|---|
| | | 3.<br><br><br>4. | Hojalyk amallaryny ykdysady taýdan birmeňzeş obýektler boýunça görkezmegiň usulydyr.<br>Maglumatlary saklamagyň esasy birligidir. |
| 2. | Hasaby açmak diýen jümle nämäni aňladýar? | 1.<br><br>2.<br><br>3.<br><br><br><br>4. | Hasaba at bermek, aýlanyşygyny ýazmak we soňky galyndyny çykarmakdyr.<br>Hasaby tablisa şekilinde çyzyp, taraplaryny görkezmek we at bermekdir.<br>Hasaplar meýilnamasyna laýyklykda hasabyň adyny we san belgisini görkezmek we eger bar bolsa, başdaky galyndysyny ýazmakdyr.<br>Hasaba at bermek, başdaky galyndysyny, aýlanyşygyny ýazmak we soňky galyndysyny çykarmakdyr. |
| 3. | Jübüt ýazgynyň manysy nämedir? | 1.<br><br>2.<br><br>3.<br><br><br>4. | Hasaplarda kärhananyň aktiwleriniň we passiwleriniň köpelmegi we azalmagydyr.<br>Hasaplaryň debeti we krediti boýunça hojalyk amallaryny bellige almakdyr.<br>Her bir hojalyk amalyny bir hasabyň debeti we beýleki hasabyň krediti boýunça deň möçberde ýazmakdyr.<br>Her bir hojalyk amalyny kesgitli bir senä hasaplaryň debeti we krediti boýunça bellige almakdyr. |
| 4. | Jikme-jik we jemlenen hasabyň hasaplarynyň arabaglanşygy nämede ýüze çykýar? | 1.<br>2.<br><br>3.<br><br>4. | Ölçeýjileriň bütewiliginde.<br>Debet we kredit boýunça aýlanyşyklaryň deňliginde;<br>Jikme-jik we jemlenen hasaplarda ýazgy-laryň bir wagtda geçirilmeginde.<br>Başdaky galyndylaryň, debet we kredit boýunça aýlanyşyklaryň we soňky galyndylaryň deňliginde. |
| 5. | Hasapiçi hasaplar nämedir (näme üçin niýetlenendir)? | 1.<br><br>2.<br>3.<br>4. | Jikme-jik hasabyň has ýokary derejesi (tertibi).<br>Jemlenen hasabyň ikinji derejelisidir.<br>Jikme-jik hasaplary toparlamagyň usulydyr.<br>Jemlenen we jikme-jik hasaplaryň arasyndaky aralyk hasaplardyr. |
| 6. | Kärhananyň esasy önümçili-ginde işleýän işçilere zähmet haky hasaplanyp ýazylanda şu hasap ýazgylarynyň haýsysy dogrudyr? | <br>1.<br>2.<br>3.<br>4. | Dt Kt<br>70 50<br>20 70<br>50 20<br>26 70 |
| 7. | Hasaplaşyk hasabyndan pul geçirilip, kärhananyň önüm öndürilişiniň tehnologiýasyna degişli žurnala abuna ýazy-landa geçirilýän hasap ýazgy- | <br>1.<br>2.<br>3.<br>4. | Dt Kt<br>31 51<br>26 51<br>20 51<br>76 51 |

| | | | |
|---|---|---|---|
| | synyň dogrusyny saýlaň | | |
| 8. | Jemlenen hasaplar boýunça aýlanyşyk wedomostlarynyň maksatlary | 1.<br>2.<br>3.<br>4. | Jemlenen hasaplaryň jemlenen maglumatlaryna gözegçilik etmeklik we barlamaklyk.<br>Jemlenen hasaplaryň maglumatlaryny jemlemek we olardaky ýazgylaryň dogrulygyny özara barlamaklykdyr.<br>Jübüt ýazgy ýörelgesiniň dürs däldigini ýüze çykarmakdyr.<br>Jemlenen we jikme-jik hasabyň maglumatlarynyň deňeşdirilmegini (bellemeklikdir) üpjün etmekdir. |
| 9. | Jikme-jik hasaplar boýunça aýlanyşyk wedomostlarynyň maksatlary | 1.<br>2.<br>3.<br>4. | Hasaplaryň aragatnaşyklaryny özara deňeşdirmekdir.<br>Jikme-jik hasabyň dolulygyny bilmeklik.<br>Maddy gymmatlyklaryň galyndylaryny, girdeji edilişini, harçlanyşyny we hasaplaşyklaryň ýagdaýyny barlamak.<br>Jikme-jik we jemlenen hasabyň hasaplarynyň arasyndaky aragatnaşygy ýüze çykarmak we hasaplaryň dogrulygyna göz ýetirmek. |
| 10. | Küşt öýjükli şekilli aýlanyşyk wedomostlarynyň maksatlary | 1.<br>2.<br>3.<br>4. | Her bir hasap boýunça debetdäki we kreditdäki aýlanyşyklar barada aragatnaşykdaky hasaplar boýunça maglumatlary almak.<br>Hasaplar boýunça jemlenen maglumatlaryň dogrulygyny barlamak.<br>Debetdäki we kreditdäki aýlanyşyklaryň deňligini kesgitlemek.<br>Hasaplaryň aragatnaşygyny görkezmeklik. |

## 5-nji tema. Buhgalter hasabynyň hasaplarynyň toparlanyşy

**Temanyň maksady:** Buhgalter hasabynyň hasaplaryny dürli häsiýetler boýunça toparlara bölüp, her bir hasapda görkezilýän maglumalaryň ykdysady mazmunyna, hasaplaryň haýsy maksatlar üçin niýetlenendigini, olaryň galyndylarynyň balansda görkezilýändigini ýa-da görkezilmeýändigini düýp manysy boýunça düşünmekdir.

### 5.1-nji mysal

Hasaplary olarda görkezilýän maglumatlaryň ykdysady mazmunlary boýunça toparlara bölmeklik.

**Mysalyň maksady:** buhgalter hasabynyň hasaplaryny ykdysady mazmunlary boýunça toparlamaklygyň tertibini özleşdirmek.

Hasaplaryň 1-nji goşundyda getirilen sanawynyň esasynda olary ykdysady mazmunlary boýunça toparlara bölmeli.

Görkezilýän maglumatlaryň ykdysady mazmunlary boýunça
buhgalter hasabynyň hasaplarynyň toparlara bölünişi

Hasaplaryň atlaryny we san belgilerini degişlilikde 1-nji we 2-nji sütünlerde görkezmeli, olaryň haýsy topara girýändigini 3-nji sütünden 16-njy sütüne çenli, degişlilikde "+" belgisini goýmaly.

*5.1-nji tablisa*

| Hasabyň ady | Hasabyň san belgisi | Serişdeleriň hasaplary | | | | | | | | | Çeşmeleriň hasaplary | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | Uzak möhletli | | | | Gysga möhletli | | | | | Hususy çeşmeler | | Karzlar we bergiler | | |
| | | Esasy serişdeler | Maddy däl aktiwler | Uzak möhletli maliýe goýumlary | Maýa goýumlar | Önümçilik gorlary | Önümçilik prosesi we harajatlar | Serişdeleriň satuw hadysasy | Pul serişdeleri we gysga möhletli maliýe goýumlary | Algylar | Esasy işleriňki | Ýörite maksatly | Uzak möhletli karzlar | Gysga möhletli karzlar | Bergiler |
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 | 7 | 8 | 9 | 10 | 11 | 12 | 13 | 14 | 15 | 16 |
| Esasy serişdeler | 01 | + | | | | | | | | | | | | | |
| Banklaryň uzak möhletleýin karzlary | 92 | | | | | | | | | | | | + | | |
| we beýlekiler | | | | | | | | | | | | | | | |

### 5.2-nji mysal

**Mysalyň maksady:** buhgalter hasabynyň hasaplaryny maksatlary we gurluşlary boýunça toplanyşynyň tertibini öwrenmek.

1-nji goşundyda getirilen hasaplaryň sanawynyň esasynda olary şu aşakdaky görnüşde toparlamaly:

**Hasaplaryň maksatlary we gurluşlary boýunça toparlanyşy**

| Uly toparlar | Kiçi toparlar we toparçalar | | Hasaplaryň san belgisi we ady |
|---|---|---|---|
| Esasy hasaplar | Aktiw hasaplar | | |
| | Passiw hasaplar | | |
| | Aktiw-passiw hasaplar | | |
| Sazlaýjy hasaplar | Kontrar hasaplar | Kontraktiw | |
| | | Kontrpassiw | |
| | Goşmaça hasaplar | aktiw | |
| | | passiw | |
| | Kontrar-goşmaça hasaplar (aktiw-passiw) | | |
| Paýlaýjy hasaplar | Ýygnaýjy-paýlaýjy | | |
| | Býujet-paýlaýjy hasaplar | | |
| Kalkulýasion (düşýän gymmaty hasaplaýjy) hasaplar | Hemmesi aktiw hasaplar | | |
| Deňeşdiriji (netije) hasaplar | Hemmesi aktiw-passiw hasaplar | | |
| Balansdan daşary hasaplar | | | |

**5-nji tema boýunça bilimiňi özbaşdak barlamak üçin sorag-jogaplar (barlagnamalar)**

| T/b | Soraglar | T/b | Jogaplar |
|---|---|---|---|
| 1. | Hasaplary toparlara bölmekligiň maksady näme? | 1. | Hasaplanýan obýektleriň hereketleriniň özboluşlylygyny we dürlüligini görkezmek we gözegçiligi guramak üçin. |
| | | 2. | Hasaplanýan obýektleriň aýratynlyklaryny çuňňur öwrenmek we ony ygtyýarly görkezmek üçin. |
| | | 3. | Hasabyň obýektleri barada umumylaşdyrylan maglumatlary almak üçin. |
| | | 4. | Hasabyň her bir obýekti boýunça dogry maglumatlary emele getirmek we hasaplar meýilnamasyny düzmek üçin. |
| 2. | Hasabyň ykdysady mazmuny näme bilen kesgitlenilýär? | 1. | Jikme-jik hasap ulgamynyň gurluşynyň häsiýeti bilen. |
| | | 2. | Onuň maksady we gurluşy bilen. |
| | | 3. | Onuň gurluşy we debetiň hem-de kreditiň mazmuny bilen. |
| | | 4. | Belli bir hasapda hasaplanýan obýektiň görkeziliş we olarda görkezijileri almaklygyň häsiýeti bilen. |
| 3. | Buhgalter hasabynyň hasaplary ykdysady mazmunlary boýunça haýsy toparlara | 1. | Esasy, sazlaýjy we çeşmeleriň hasaplaryna. |
| | | 2. | Hojalyk serişdeleriniň we olaryň emele gelen çeşmeleriniň hasaplaryna. |
| | | 3. | Hojalyk serişdlerini we olaryň hereketlerini |

| | | | |
|---|---|---|---|
| | bölünýärler? | <br>4. | hasaplaýan hasaplara.<br>Hususy serişdeleriň çeşmelerini uzak we gysga möhletli serişdeleri hasaplaýan hasaplara. |
| 4. | Buhgalter hasabynyň hasaplary olaryň maksatlary we gurluşlary boýunça haýsy toparlara bölünýär? | 1.<br><br>2.<br>3.<br><br>4. | Esasy, sazlaýjy, paýlaýjy, kalkulýasion, deňeşdiriji we balansdan daşary.<br>Aktiw, sazlaýjy, kontrara we balansdan daşary;<br>Maliýe-netije, deňeşdiriji, esasy, sazlaýjy we balansdan daşary.<br>Esasy, sazlaýjy, ýygnaýjy-paýlaýjy, aktiw, passiw we aktiw-passiw. |
| 5. | Hasabyň gurluşy diýip nämä düşünýärsiňiz? | 1.<br><br><br>2.<br><br>3.<br><br>4. | Hasabyň debeti we krediti boýunça hojalyk amallarynyň ýazylyş tertibine, şeýle-de debetiň, kreditiň we galyndynyň mazmunyna.<br>Hasaplardaky iň soňky galyndynyň hasaplanyş tertibine.<br>Hasabyň debetiniň we kreditiniň gatnaşygyna we galyndynyň häsiýetine.<br>Başky we soňky galyndylaryň, şeýle hem debetiň we kreditiň arabaglanyşygyna. |
| 6. | Sazlaýjy hasaplar haýsy toparlara bölünýär? | 1.<br>2.<br>3.<br>4. | Kontrar, goşmaça we kontrar-goşmaça.<br>Kontraktiw, aktiw we goşmaça.<br>Goşmaça, aktiw-passiw we kontrpassiw.<br>Kontrar, goşmaça we paýlaýjy. |
| 7. | 02 “Esasy serişdeleriň könelmegi” maksady boýunça haýsy toparlara girýär? | 1.<br>2.<br>3.<br>4. | Kontrar hasap.<br>Goşmaça hasap.<br>Kontrar-goşmaça hasap.<br>Kontrpassiw hasap. |
| 8. | Balansdan daşary hasaplaryň maksatlary nämedir? | 1.<br><br>2.<br><br><br><br><br>3.<br><br>4. | Kärhana degişli bolmadyk serişdeleriň gymmatyny takyklamakdyr.<br>Kärhana degişli bolmadyk, ýöne onuň wagtlaýynça ulanmagyndaky, saklamagyndaky, ygtyýaryndaky gymmatlyklaryň, şeýle hem şertli hukuklaryň we borçlaryň barlygyny we hereketini görkezmekdir.<br>Balansyň aktiwine we passiwine täsir etmeýän amallary görkezmekdir.<br>Kärendesine, sataryna we gaýtadan işlemäge alnan gymmatlyklaryň barlygyny we hereketini görkezmeklikdir. |
| 9. | Buhgalter hasabynyň hasaplar meýilnamasy nämedir? | 1.<br><br>2.<br><br><br>3.<br><br>4. | Buhgalter hasabynyň jemlenen we jikme-jik hasaplarynyň tertipleşdirilen sanawydyr.<br>Buhgalter hasabynyň hasaplaryny we olaryň san belgileri görkezilen tertipleşdirilen sanawydyr.<br>Hasaplanýan obýektler barada görkezijileriň emele geliş ulgamydyr.<br>Kärhananyň hojalyk işlerini görkezmek üçin buhgalter hasaplarynyň arabaglanyşygynyň beýanydyr. |

| | | | |
|---|---|---|---|
| 10. | Balansdan daşary hasaplarda jübüt ýazgy ulanylýarmy? | 1.<br>2.<br>3.<br>4. | Hawa.<br>Ýok.<br>Zerur bolan halatda.<br>Hasaplanýan hojalyk amalynyň häsiýetine görä. |

## 6-njy tema. Gymmat ölçeýjileri we hojalyk prosesslerini hasaba almagyň esaslary

**Mysallaryň maksatlary:** buhgalter hasabynyň obýektlerini gymmatda aňlatmagyň manysy bilen tanyşmak. Olaryň gündelik hasapda we balansda bahalanyşyny öwrenmek. Şeýle hem kärhanalaryň edinýän önümçilik serişdeleriniň, öndürýän we satýan önümleriniň düşýän gymmatynyň hasaplanyşyny özleşdirmek.

Soňra bolsa önüm ýerleşdirmekden alynýan maliýe netijeleri kesgitlemekligi, peýdanyň paýlanyşyny öwrenmekdir.

**6.1-nji mysal**

1. Aşakda getirilen maglumatlaryň esasynda 10 “Materiallar” hasabynda hasap toparlary boýunça aýyň başyndaky galyndylary we aýdaky amallary düşýän gymmaty düzüjilere bölüşdirip aýratyn görkezmeli.
2. Çykdajy edilen we aýyň ahyryna ambarda galan materiallaryň hakyky düşýän gymmatyny kesgitlemeli.
3. Ähli hasap toparlary we bütin hasap boýunça aýlanyşyklary we soňky galyndyny hasaplamaly.

**Mysal işlemek üçin maglumatlar:**

**I. 2008-nji ýylyň fewral aýynyň 1-ine materiallaryň galyndylary (manat)**

*6.1-nji tablisa*

| Hasap toparlarynyň belgisi | Satyn alyş nyrhy boýunça | Ulag taýýarlaýyş çykdajylary | Jemi toparlar boýunça materiallaryň hakyky düşýän gymmaty |
|---|---|---|---|
| 1 | 151800 | 7740 | 159540 |
| 2 | 273000 | 10920 | 283920 |
| 3 | 225000 | 6750 | 231750 |
| Jemi | 649800 | 25410 | 675210 |

**II. 2008-nji ýylyň fewral aýyndaky hojalyk amallary**

*6.2-nji tablisa*

| T/b | Amallaryň mazmuny | Pul möçberi (manat) |
|---|---|---|
| 1. | Haryt iberijilerden satyn alyş nyrhy boýunça gelen materiallar girdeji orderi bilen kabul edildi: | |
| | 1-nji topar materiallar | 14700 |
| | 2-nji topar materiallar | 7800 |
| | Jemi | 22500 |
| 2. | Materiallary kärhana getirendikleri üçin awtoulag kärhanalarynyň töleg talaplary tölemäge kabul edildi: | |
| | 1-nji topar materiallary | 720 |
| | 2-nji topar materiallary | 540 |
| | Jemi | 1260 |
| 3. | Haryt iberijilerden satyn alyş nyrhy boýunça gelen materiallar girdeji orderler boýunça kabul edildi: | |
| | 2-nji topar materiallar | 23100 |
| | 3-nji topar materiallar | 7200 |

| | | |
|---|---|---|
| | Jemi | 30300 |
| 4. | 2-nji topara degişli materiallary getireni üçin ulag kärhanasynyň töleg talaby alyndy we tölemeklige razylyk berildi | 1290 |
| 5. | Hakyna tutulan işçilere zähmet şertnamasy boýunça 3-nji topar materiallary ýükläp-düşürendikleri üçin hasabat bermeli pullaryň hasabyna hak tölendi | 120 |
| 6. | Öz hususy awtoulaglary bilen getirilen 3-nji topar materiallara düşýän harajatlar hasaplamalaryň esasynda olaryň gymmatyna goşuldy | 90 |
| 7. | Materiallary önümçilige goýberiş karty boýunça şu aşakdaky materiallar satyn alyş nyrhlary boýunça önümçilige goýberildi:<br>1-nji topar materiallar<br>2-nji topar materiallar<br>3-nji topar materiallar | <br><br>60900<br>152400<br>105000 |
| | Jemi | 318300 |
| 8. | Haryt iberijilerden gelen materiallar girdeji orderi boýunça satyn alyş nyrhlaryndan kabul edildi:<br>1-nji topar materiallar<br>3-nji topar materiallar | <br><br>38100<br>43800 |
| | Jemi | 81900 |
| 9. | Ulag kärhanasynyň 1-nji topar materiallary getirip berendikleri üçin töleg talaplary tölemäge kabul edildi | 2490 |
| 10. | Hasabat bermeli pullaryň hasabyna 3-nji topar materiallary ýükläp we getirip berendikleri üçin tölendi | 150 |
| 11. | Çykdajy edilen materiallara düşýän ulag-taýýarlaýyş çykdajylary hasaplandy we önümçiligiň hasabyna öçürildi (möçberini özüňiz kesgitlemeli)<br>1-nji topar materiallar<br>2-nji topar materiallar<br>3-nji topar materiallar | <br><br><br>?<br>?<br>? |
| | Jemi | ? |

**Mysaly işlemegiň usuly**

Materiallaryň toparlary boýunça jikme-jik hasaplary şu görnüşde açmaly:

*6.3-nji tablisa*

____ nji topar (manat)

| Girdeji | | | Çykdajy | | |
|---|---|---|---|---|---|
| Amalyň belgisi | Satyn alyş nyrhy | Ulag taýýarlaýyş çykdajylary | Amalyň belgisi | Satyn alyş nyrhy | Ulag taýýarlaýyş çykdajylary |
| 01.02.2008ý. galyndy | | | | | |
| Aýdaky aýlanyşyk | | | | | |
| 01.03.2008ý. galyndy | | | | | |

Materiallaryň hakyky düşýän gymmatyny tapmak üçin olaryň satyn alyş nyrhy boýunça gymmatynyň üstüne ulag-taýýarlaýyş çykdajylaryny goşmaly. Çykdajy edilen we ambarda galan materiallara düşýän ulag-taýýarlaýyş çykdajylaryny ortaça göterim boýunça şeýle hasaplamaly:

$$\frac{\text{Aýyň başyndaky ulag-taýýarlaýyş çykdajylary} + \text{Aýdaky ulag-taýýarlaýyş çykdajylary}}{\text{Materiallaryň aýyň başyndaky satyn alyş nyrhy boýunça galyndysy} + \text{Aýyň dowamynda girdeji edilen materiallaryň satyn alyş nyrhy boýunça gymmaty}} \times 100$$

Materiallaryň hakyky düşýän gymmatyny her topar boýunça we tutuşlygyna şu görnüşdäki wedomostda hasaplamaly:

*6.4-njy tablisa*

| Hasap toparlary | Aýyň başyndaky galyndy | | | Girdeji | | | Çykdajy | | | Aýyň ahyryndaky galyndy | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | Pul möçberi (manat) | | | Pul möçberi (manat) | | | Pul möçberi (manat) | | | Pul möçberi (manat) | | |
| | Satyn alyş nyrhy boýunça | Ulag-taýýarlaýyş çykdajylary | Jemi | Satyn alyş nyrhy boýunça | Ulag-taýýarlaýyş çykdajylary | Jemi | Satyn alyş nyrhy boýunça | Ulag-taýýarlaýyş çykdajylary | Jemi | Satyn alyş nyrhy boýunça | Ulag-taýýarlaýyş çykdajylary | Jemi |
| 1-nji | | | | | | | | | | | | |
| 2-nji | | | | | | | | | | | | |
| 3-nji | | | | | | | | | | | | |
| Hemmesi | | | | | | | | | | | | |

**6.2-nji mysal**

1. 20 “Esasy önümçilik” hasabynyň jikme-jik hasaplarynda 2008-nji ýylyň mart aýynyň 1-indäki galyndylary we aýyň dowamyndaky aýlanyşyklary görkezmeli.
2. Gytaklaýyn çykdajylary önümler boýunça paýlamaly we olary jikme-jik hasaplarda görkezmeli.
3. Önümçilikden çykarylan önümleriň hakyky düşýän gymmatyny we olar boýunça gyşarmalary hasaplamaly.

**Mysal işlemek üçin maglumatlar:**

2008-nji ýylyň mart aýynyň 1-ne önümler boýunça harajatlaryň galyndylary:

| Önümleriň atlary | Pul möçberi (manat) |
|---|---|
| “A” önüm | 270000 |
| “B” önüm | 119600 |
| Jemi | 389600 |

Hasaplaryň debeti boýunça 2008-nji ýylyň mart aýyndaky aýlanyşygy (manat)

**20 “Esasy önümçilik” hasaby**

| | |
|---|---|
| “A” önüm 561320 | Şol sanda esasy zähmet haky 167200 |
| “B” önüm 471880 | Şol sanda esasy zähmet haky 114400 |
| Jemi 1033200 | 281600 |

25 “Umumy önümçilik çykdajylary” hasaby 1027840
26 “Umumy hojalyk çykdajylary” hasaby 225280
10 “Materiallar” hasaby – önümçilikden yzyna kabul edilen çykyndylar (aýrylýarlar):

| Önümleriň atlary | Pul möçberi (manat) |
|---|---|
| “A” önüm boýunça | 5360 |
| “B” önüm boýunça | 4160 |
| Jemi | 9520 |

2008-nji ýylyň aprel aýynyň 1-ine önümler boýunça harajatlaryň galyndylary:

| Önümleriň atlary | Pul möçberi (manat) |
|---|---|
| “A” önüm | 249600 |
| “B” önüm | 122400 |
| Jemi | 372000 |

Hasabat aýynda çykarylýan önümleriň meýilnamalaşdyrylan düşýän gymmaty:

| Önümleriň atlary | Pul möçberi (manat) |
|---|---|
| “A” önüm | 1320000 |
| “B” önüm | 980000 |
| Jemi | 2300000 |

**Mysaly işlemegiň usuly**

20 “Esasy önümçilik” hasabynyň jikme-jik hasaplaryny şu görnüşde düzmeli:

“ ________ ” önüm

Debet Kredit

| Amalyň san belgisi | Amalyň mazmuny | Pul möçberi (manat) | Amalyň san belgisi | Amalyň mazmuny | Pul möçberi (manat) |
|---|---|---|---|---|---|
| | Mart aýynyň 1-ine harajatlaryň galyndysy | | | | |
| | Aýyň dowamyndaky çykdajylar | | | Önümçilikden hasapdan çykarylany | |
| | Aý boýunça jemi | | | Aý boýunça jemi | |
| | Aprel aýynyň 1-ine harajatlaryň galyndysy | | | | |

Gytaklaýyn çykdajylary önümleriň arasynda önümleriň her görnüşini öndürmäge çykdajy edilen esasy zähmet hakyň möçberine gatnaşygy boýunça paýlamaly:

$$\frac{\text{Hasap boýunça gytaklaýyn çykdajylar}}{\text{Esasy zähmet hakyň umumy möçberi}} \times 100\,\% = \text{gytaklaýyn çykdajylaryň } \%;$$

| Gytaklaýýn çykdajylaryň % x önüm boýunça esasy zähmet haky / 100 | = | Önüme düşýän gyýtaklaýyn çykdajylaryň möçberi |
|---|---|---|

Hasaplamalaryň dogrulygyna göz ýetirmek üçin (manatda):

“A” önümiň hakyky düşýän gymmaty - 1320400
“B” önümiň hakyky düşýän gymmaty - 974000
Meýilnamadakydan iki önüm boýunça tapawut – 5600

**6.3-nji mysal**

**Mysalyň maksady:** öndürilýän önümleriň görnüşleri boýunça çykdajylary aýratyn hasaplap taýýar önüm bolandan soň, olaryň önümçilige düşýän gymmatyny aýratynlykda kesgitlemegi, şeýle-de gytaklaýyn çykdajylaryň hasaplanyşyny we önümleriň arasynda paýlanyşyny öwrenmek. Şu maksat üçin:

1. 20 “Esasy önümçilik” hasabyny önümleriň görnüşleri boýunça açmaly we olarda 2008-njy ýylyň maý aýynyň 1-ine galan galyndylary we aýyň dowamyndaky amallary ýazmaly.
2. 25 “Umumy önümçilik çykdajylary” we 26 “Umumy hojalyk çykdajylary” hasaplary açmaly we olarda ýazgylary geçirmeli.
3. Gytaklaýyn çykdajylary hasaplamaly, önümleriň arasynda paýlamaly we önümçiligiň hasabyna geçirmeli.
4. Önümçilikden çykarylan önümleriň hakyky düşýän gymmatyny kesgitlemeli.

**Mysaly işlemek üçin maglumatlar:**

**I. Onümleriň görnüşleri boýunça 2008-nji ýylyň maý aýynyň 1-ine harajatlaryň galyndylary (tamamlanmadyk önümçilik)**

| Önümleriň atlary | Pul möçberi (manat) |
|---|---|
| “A” önüm | 121200 |
| “B” önüm | 45600 |
| “Ç” önüm | 24060 |
| Jemi | 190860 |

**II. Degişli ilkinji hasap resminamalaryň esasynda önümler boýunça aýyň dowamyndaky harajatlaryň görnüşleri**

*6.5-nji tablisa*

| Amallaryň t/b | Hojalyk amallaryň mazmuny | Pul möçberi (manat) |
|---|---|---|
| 1. | Önümçilige önümleri öndürmek üçin materiallar goýberildi:<br>“A” önüme<br>“B” önüme<br>“Ç” önüme | <br><br>26250<br>8790<br>2550 |
| Jemi | | 37590 |
| 2. | Önümçilige önümleri öndürmek üçin satyn alnan ýarym taýýar önümler goýberildi:<br>“A” önüme<br>“B” önüme | <br><br>13140<br>6060 |

| | | |
|---|---|---|
| | "Ç" önüme | 3390 |
| Jemi | | 22590 |
| 3. | Tebigy gaz çykdajy edildi:<br>a) önüm öndürmäge<br>"A" önüme<br>"B" önüme<br>"Ç" önüme | <br><br>3645<br>2535<br>630 |
| Jemi | | 6810 |
| | b) önümçilik bölümleriniň hojalyk maksatlaryna | 21960 |
| | ç) kärhananyň umumy hojalyk maksatlaryna | 1920 |
| Hemmesi | | 30690 |
| 4. | Elektrik energiýasy harçlandy:<br>a) önüm öndürmäge<br>"A" önüme<br>"B" önüme | <br><br>2724<br>936 |
| Jemi | | 3660 |
| | b) önümçilik bölümleriniň dürli maksatlaryna | 13419 |
| | ç) kärhananyň umumy hojalyk maksatlaryna | 2736 |
| Hemmesi | | 19815 |
| 5. | Gaýry materiallar çykdajy edildi:<br>a) önümçilik bölümleriniň hojalyk işleri üçin<br>b) umumy hojalyk işleri üçin | <br>1785<br>585 |
| 6. | Önümçilik bölümlerdäki maşynlary we enjamlary abatlamak üçin ätiýaçlyk şaýlary çykdajy edildi | 2820 |
| 7. | Bir birligi üçin bahasy iň az iş hakynyň 20 göterimine barabar bolan arzan we tiz könelýän zatlar ulanyşa goýberildi:<br>a) maşynlary we enjamlary ulanmaga<br>b) bölümleriň hojalyk zerurlyklaryna<br>ç) kärhananyň hojalyk işleri üçin | <br><br><br>1710<br>870<br>420 |
| Jemi | | 3000 |
| 8. | Kärhananyň işgärlerine zähmet haky hasaplandy:<br>a) önüm öndürýän işçilere:<br>"A" önümi<br>"B" önümi<br>"Ç" önümi | <br><br>20340<br>12360<br>9150 |
| Jemi | | 41850 |
| | b) maşynlara we enjamlara hyzmat edýänlere<br>ç) önümçilik bölümleri dolandyrmak we hojalyk hyzmatlary bilen meşgullanýanlara<br>d) tutuş kärhanany dolandyrýanlara we oňa hyzmat edýänlere | 17520<br><br>8910<br><br>5520 |
| Hemmesi | | 73800 |
| 9. | Hasaplanan zähmet hakynyň 20 % möçberinde durmuş ätiýaçlandyrmasyna geçirmeli puluň möçberi hasaplandy:<br>a) önüm öndürmek boýunça<br>"A" önümi<br>"B" önümi<br>"Ç" önümi | <br><br><br>4068<br>2472<br>1830 |

| | | |
|---|---|---|
| Jemi | | 8370 |
| | b) maşynlara we enjamlara hyzmat etmek boýunça<br>ç) önümçilik bölümleri dolandyrmak we olara hojalyk hyzmatlary boýunça<br>d) tutuş kärhanany dolandyrýanlar we oňa hyzmat edýänler boýunça | 3504<br><br>1782<br><br>1104 |
| Hemmesi | | 14760 |
| 10. | Işçilere zähmet rugsady döwründe hak tölemek boýunça ätiýaçlyk döretmek üçin hasaplamalar geçirildi:<br>a) önümleri öndürýänler üçin:<br>“A” önümi<br>“B” önümi<br>“Ç” önümi | <br><br><br>1215<br>885<br>660 |
| Jemi | | 2760 |
| | b) maşynlara, enjamlara hyzmat edýän we ulanýan işçiler üçin | 1050 |
| Hemmesi | | 3810 |
| 11. | Öndürilen şikesli önümlerden ýitgiler hasapdan öçürilýär we abat önümleriň düşýän gymmatyna goşulýarlar:<br>“A” önümiň<br>“B” önümiň<br>“Ç” önümiň | <br><br>750<br>510<br>240 |
| Jemi | | 1500 |
| 12. | Önümçilikdäki materiallaryň çykyndylary, galyndylary şu önümleriň çykdajylaryndan aýrylyp ammara tabşyryldy:<br>“A” önümden<br>“B” önümden | <br><br>720<br>390 |
| Jemi | | 1110 |
| 13. | Hasabat bermeli pullardan umumy hojalyk zerurlyklaryna harçlandy | 270 |
| 14. | Umumy önümçilik çykdajylary hasaplandy we önümleriň düşýän gymmatyna hasapdan öçürildi:<br>“A” önümiň<br>“B” önümiň<br>“Ç” önümiň | <br><br>?<br>?<br>? |
| 15. | Umumy hojalyk çykdajylary hasaplandy we önümleriň düşýän gymmatyna hasapdan öçürildi:<br>“A” önümiň<br>“B” önümiň<br>“Ç” önümiň | <br><br>?<br>?<br>? |
| 16. | Maý aýynda önümçilikden çykarylan taýýar önümleriň hakyky düşýän gymmaty hasaplandy we önümçilikden hasapdan öçürildi<br>“A” önüm<br>“B” önüm<br>“Ç” önüm | <br><br><br>?<br>?<br>? |
| Jemi | | |

### III. 2008-nji ýylyň maý aýynyň ahyryna önümler boýunça galan harajatlar (tamamlanmadyk önümçilik):

| Önümleriň atlary | Pul möçberi (manat) |
|---|---|
| "A" önüm | 107100 |
| "B" önüm | 27480 |
| Jemi | 134580 |

**Mysaly işlemek üçin görkezme:**

20 "Esasy önümçilik" hasabyna önümleriň görnüşleri boýunça jikme-jik hasap açyp, olary öndürmek üçin harajatlary aýry-aýry hasaplamaly.

25 "Umumy önümçilik çykdajylary" we 26 "Umumy hojalyk çykdajylary" hasaplary umumy kabul edilen şekilde açmaly.

Gytaklaýyn çykdajylary önümleriň arasynda önümleriň her bir görnüşine harçlanan esasy zähmet haka gatnaşykda paýlamaly.

**6.4-nji mysal**

**Mysalyň maksady:** satylan önümleriň hakyky düşýän gymmatyny we olary satmakdan alnan maliýe netijeleri kesgitlemegi öwrenmek.

1. 40 "Taýýar önümler" we 46 "Önümleri (işleri, hyzmatlary) ýerlemek" hasaplaryna jikme-jik hasaplary açmaly we olarda başky galyndyny we aýyň dowamyndaky amallary ýazmaly.
2. Satylan önümleriň we taýýar önümleriň galyndylarynyň hakyky düşýän gymmatyny hasaplamaly.
3. Satuwdan alnan netijeleri önümleriň görnüşleri boýunça kesgitlemeli.
4. Jikme-jik hasaplar boýunça soňky galyndyny çykarmaly.

**Mysal işlemek üçin maglumatlar:**

**I. Aýyň başynda ammardaky taýýar önümleriň galyndylary (manat)**

| Önümleriň atlary | Meýilnama boýunça düşýän gymmaty | Gyşarmalar (+,-) | Hakyky düşýän gymmaty |
|---|---|---|---|
| Şetdaly şerbeti | 1195200 | - 30000 | 1165200 |
| Alma şerbeti | 826500 | + 7500 | 834000 |
| Jemi | 2021700 | -22500 | 1999200 |

**Aýyň dowamynda geçirilen hojalyk amallary**

*6.6-njy tablisa*

| T/b | Hojalyk amallarynyň mazmuny | Pul möçberi (manat) |
|---|---|---|
| 1. | Tabşyryş üsthaty boýunça ammara önümçilikden çykarylan taýýar önümler kabul edildi:<br>Şetdaly şerbeti:<br>- meýilnama boýunça düşýän gymmaty<br>- gyşarma<br>- hakyky düşýän gymmaty<br>Alma şerbeti: | <br><br><br>1315800<br>-20220<br>? |

| | | |
|---|---|---|
| | - meýilnama boýunça düşýän gymmaty<br>- gyşarma<br>- hakyky düşýän gymmaty | 1174500<br>-27510<br>? |
| 2. | Buýruk-üsthatyna laýyklykda alyjylara önümler goýberildi (mysaly ýeňilleşdirmek maksady bilen goşulan baha üçin salgyt hasaba alynmady) we olaryň hakyky düşýän gymmaty hasaplanyp, hasapdan çykaryldy:<br>Şetdaly şerbeti:<br>- meýilnama boýunça düşýän gymmaty<br>- gyşarma<br>- hakyky düşýän gymmaty<br>- Alma şerbeti:<br>- meýilnama boýunça düşýän gymmaty<br>- gyşarma<br>- hakyky düşýän gymmaty | <br><br><br><br><br>540600<br>?<br>?<br><br>292000<br>?<br>? |
| 3. | Bankdan gelen göçürmä laýyklykda satylan önümler üçin alyjylardan pul gelip gowuşdy:<br>Şetdaly şerbeti üçin<br>Alma şerbeti üçin | <br><br>601200<br>318600 |
| 4. | Hasaphananyň hasaplaýyş hatynda önümleri ýerlemekden alnan maliýe netije kesgitlenildi:<br>Şetdaly şerbetinden<br>Alma şerbetinden | <br><br>?<br>? |

Işlemek üçin görkezme:

Meýilnamadan gyşarmalary satylan we galan önümleriň arasynda meýilnama gatnaşykda paýlamaly.

**6.5-nji mysal**

**Mysalyň maksady:** kärhanany önümçilik serişdeleri bilen üpjün edilişiniň, önümçilikdäki çykdajylaryň, önüm çykarylyşynyň, onuň ýerleşdirilişiniň, ondan alnan maliýe netijeleriň kesgitlenişiniň, peýdanyň paýlanyşynyň we gaýry amallaryň buhgalter hasabynda görkezilşiniň usullaryny öwrenmek.

**Mysaly işlemek üçin maglumatlar**

1. Aşakda getirilen maglumatlaryň esasynda hasaplary açmaly we olarda hojalyk amallaryny görkezmeli.
2. Alnan materiallaryň düşýän gymmatyny kesgitlemeli.
3. Öndürilen önümiň düşýän gymmatyny kesgitlemeli.
4. Önüm ýerleşdirmekden alnan maliýe netijäni kesgitlemeli.
5. Hasaplardaky aýlanyşyklary hasaplamaly, galyndylary çykarmaly, aýlanyşyk wedomostyny we 2008-nji ýylyň aprel aýynyň 1-indäki ýagdaý boýunça balansy düzmeli.

**I. 2008-nji ýylyň mart aýynyň 1-ne hasaplar boýunça galyndylar**

*6.7-nji tablisa*

| Hasabyň san belgisi | Hasabyň ady | Galyndylar (manat) | |
|---|---|---|---|
| | | debet | kredit |

| | | | |
|---|---|---|---|
| 01 | Esasy serişdeler | 170000 | |
| 10 | Materiallar | 2000 | |
| 51 | Hasaplaşyk hasaby | 75000 | |
| 60 | Haryt iberijiler we potratçylar bilen hasaplaşyklar | | 3000 |
| 70 | Zähmet haky boýunça hasaplaşyklar | | 2700 |
| 71 | Hasabat bermeli adamlar bilen hasaplaşyklar | 360 | |
| 80 | Peýdalar we zyýanlar | | 3660 |
| 85 | Esaslyk maýa | | 236000 |
| 90 | Banklaryň gysga möhletleýin karzlary | | 3000 |

**II. 2008-nji ýylyň mart aýynyň hojalyk amallary**

*6.8-nji tablisa*

| T/b | Amalyň mazmuny | Pul möçberi (manat) |
|---|---|---|
| | A. Üpjünçilik boýunça amallar: | |
| 1. | Haryt iberijilerden gelen esasy materiallar ammara girdeji edildi | 60000 |
| 2. | Awtoulag kärhanasynyň hasaby esasy materiallary ammara getirendikleri üçin tölege kabul edildi | 120 |
| 3. | Esasy materiallary ýükläp-düşürmäge çykdajylar hasabat bermeli pullardan tölendi | 30 |
| 4. | Haryt iberijilerden kömekçi materiallar alyndy we ammara girdeji edildi | 14000 |
| 5. | Kömekçi materiallary kärhana getirendikleri üçin ulag kärhanasynyň hasaby tölege kabul edildi | 140 |
| 6. | Kömekçi materiallary ýüklemek we düşürmek üçin hasabat bermeli pullardan tölendi | 70 |
| 7. | Bergileri üzmek üçin hasaplaşyk hasabyndan pul geçirildi:<br>a) haryt iberijilere<br>b) ulag kärhanasyna | <br>74000<br>260 |
| | Jemi | 74260 |
| | B. Önümçilik boýunça amallar: | |
| 8. | Ammardan esasy önümçilige esasy materiallar hakyky düşýän gymmatlary boýunça goýberildi | 47845 |
| 9. | Esasy önümçilige önüm öndürmek üçin kömekçi materiallar hakyky düşýän gymmatlary boýunça ammardan goýberildi | 7355 |
| 10. | Esasy önümçilikdäki işçilere zähmet haky ýazyldy | 40000 |
| 11. | Ýazylan zähmet hakyň 20% möçberinde durmuş ätiýaçlandyrmasyna geçirilmeli puluň möçberi hasaplandy | 8000 |
| 12. | Işçileriň zähmet hakynyň 8% möçberinde olara zähmet rugsady döwründe hak tölemek üçin ätiýaçlyk gory döredildi | 3200 |
| 13. | Esasy önümçilikden çykarylan taýýar önümler ammara kabul edildi (olaryň önümçilige düşýän gymmatyny kesgitlemeli, tamamlanman galan önümleriň möçberi 10000 manat) | ? |
| | Ç. Önümleri ýerleşdiriş boýunça amallar: | |
| 14. | Alyjylara ammardan taýýar önümler hakyky düşýän gymmaty boýunça ugradyldy | 80000 |
| 15. | Önüm satýan kärhananyň hasabyna ulag kärhanasynyň taýýar önümleri demir ýol menziline çenli eltip berendikleri üçin | |

| | | |
|---|---|---|
| | gowşuran töleg talaplaryny tölemäge razylyk berildi | 1200 |
| 16. | Ugradylan önümleri wagonlara ýüklemek boýunça çykdajylar hasabat bermeli pullardan tölendi | 80 |
| 17. | Alyjylardan ugradylan önümler üçin, pul hasaplaşyk hasabyna gelip gowuşdy:<br>Önümleriň satuw bahasy<br>Goşulan baha üçin salgyt | <br><br>100000<br>15000 |
| | Jemi | 115000 |
| 18. | Satylan önümler boýunça goşulan baha üçin salgyt hasaplandy | 15000 |
| 19. | Satylan önümlere düşýän täjirçilik çykdajylary hasapdan öçürildi | 1280 |
| 20. | Önüm satmakdan alnan maliýe netije hasaplandy we hasapdan öçürildi | ? |
| | D. Gaýry hojalyk amallary: | |
| 21. | Işçilere wagtlaýyn ýarawsyzlyk sebäpli kömek puly hasaplandy | 330 |
| 22. | Işçilere zähmet rugsady döwri üçin zähmet haky hasaplanyp ýazyldy | 1670 |
| 23. | Işçileriň zähmet hakyndan girdeji salgydy tutuldy | 2000 |
| 24. | Işçileriň öz arzalary boýunça pensiýa hasaplaryna tutum tutuldy | 800 |
| 25. | Işçileriň öz arzalary boýunça saglyk ätiýaçlandyrmasyna tutum tutuldy | 680 |
| 26. | Zähmet hakyny bermek üçin hasaplaşyk hasabyndan alnan nagt pullar kassa girdeji edildi | 41220 |
| 27. | Işçilere kassadan zähmet haky berildi | 41220 |
| 28. | Hasaplaşyk hasabyndan pul geçirildi:<br>býujete salgytlar<br>durmuş ätiýaçlandyrmasyna<br>işçileriň pensiýa şahsy hasaplaryna<br>saglyk ätiýaçlandyrmasyna | <br>17000<br>8000<br>800<br>680 |
| | Jemi | 26480 |
| 29. | Keseki kärhanadan öň ulanylan stanok mugt alyndy:<br>ilkibaşdaky gymmaty<br>könelen gymmaty | <br>10000<br>2000 |
| | Galyndy gymmaty | 8000 |
| 30. | Peýdadan emläk salgydy hasaplandy | 1720 |
| 31. | Peýdadan peýda salgydy hasaplanyp, býujete geçirilmeli edildi | 3252 |
| 32. | Esasy serişdelere ulanyş tutumlary hasaplandy | 2000 |
| 33. | Peýdanyň bir bölegi ýörite maksatly gaznalary döretmäge ulanyldy | 6000 |

## 6-njy tema boýunça bilimiňi özbaşdak barlamak üçin sorag-jogaplar (barlagnamalar)

| T/b | Sorag | T/b | Jogaplar |
|---|---|---|---|
| 1. | Kärhananyň satyn alan maddy gymmatlyklarynyň kärhana düşýän gymmaty nämelerden ybarat? | 1<br><br><br>2<br><br>3 | Satyn alan nyrhyňdan we ony kärhananyň ammaryna getirmek üçin çekilen ähli harajatlaryň jeminden.<br>Haryt iberijilere we ulag edarasyna tölenen pullardan.<br>Haryt iberijilere maddy gymmatlyklaryň |

| | | | |
|---|---|---|---|
| | | <br><br>4 | meýilnamadaky gymmatyndan we ulag-taýýarlaýyş çykdajylaryndan.<br>Satyn alnan nyrhyndan we ondan gyşarmalardan. |
| 2. | Haryt iberjilerden gelen ätiýaçlyk şaýlar haýsy hasabyň debeti boýunça görkezilýär? | 1<br><br>2<br><br>3<br>4 | 08 "Düýpli maýa goýumlar" hasabynyň debeti boýunça.<br>07 "Oturdylmaga degişli enjamlar" hasabynyň debeti boýunça.<br>86 "Atiýaçlyk gory" hasabynyň debeti boýunça<br>10 "Materiallar" hasabynyň debeti boýunça. |
| 3. | Önümçilik harajatlaryny göni we gytaklaýyn harajatlara bölmek üçin name esas bolup durýar? | 1<br>2<br>3<br>4 | Çykarylýan önümiň möçberi.<br>Çykarylýan önümleriň dürli görnüşde bolmagy;<br>Harajatlaryň dörän ýerleri.<br>Öndürilýän önümleriň çylşyrymlylygy. |
| 4. | Haryt iberjilere alyan materiallar üçin pul geçirlende haýsy hasabyň debeti boýunça ýazgy geçirilýär? | 1<br>2<br><br>3<br>4 | 51 "Hasaplaşyk hasabynyň" debeti boýunça.<br>60 "Haryt iberijiler we potratçylar bilen hasaplaşyklar" hasabynyň debeti boýunça.<br>10 "Materiallar" hasabynyň debeti boýunça.<br>62 "Satyn alyjylar we iş buýrujylar bilen hasaplaşyklar" hasabynyň debeti boýunça. |
| 5. | Mugt alnan esasy serişdeleri getirmek üçin çykdajylar haýsy hasabyň debetine ýazylýar? | 1<br><br>2<br><br>3<br><br>4 | 15 "Materiallary taýýarlamak we satyn almak" hasabynyň debetine.<br>88 "Ýörite maksatly gaznalar" hasabynyň debetine.<br>08 "Düýpli maýa goýumlar" hasabynyň debetine.<br>30 "Düýpli däl işler" hasabynyň debetine. |
| 6. | Şu hasaplamalaryň haýsy biri bilen öndürilen önümleriň hakyky önümçilige düşýän gymmaty kesgitlenilýär? | 1<br><br><br>2<br><br><br>3<br><br><br>4 | 20 "Esasy önümçilik" hasabyndaky aýyň başyndaky galyndysy + onuň debetindäki aýlanyşyk.<br>20 "Esasy önümçilik" hasabynyň aýyň başyndaky galyndysyndan aýyň ahyryna galan galyndyny aýyrmaly.<br>20-nji hasabyň aýyň başyndaky galyndysy + 20-nji hasabyň debeti boýunça aýlanyşyk – 20-nji hasabyň kreditindäki aýlanyşyk.<br>20-nji hasabyň aýyň başyndaky galyndysy + 20-nji hasabyň debeti boýunça aýlanyşyk – 20-nji hasabyň aýyň ahyryndaky galyndysy. |
| 7. | Umumy önümçilik çykdajylary esasy önümçilikde öndürilen önumleriň düşýän gymmatyna goşmak üçin hasapdan öçürilende şu ýazgylaryň haýsy biri geçirilýär? | 1<br><br>2<br><br>3<br><br>4 | Debet 40 "Taýýar önümler"<br>Kredit 20 "Esasy önümçilik"<br>Debet 20"Esasy önümçilik"<br>Kredit 25"Umumy önümçilik çykdajylary"<br>Debet 43 "Täjirçilik çykdajylary"<br>Kredit 26"Umumy hojalyk çykdajylary"<br>Debet 20"Esasy önümçilik"<br>Kredit 26"Umumy hojalyk çykdajylary" |

| | | | |
|---|---|---|---|
| 8. | Taýýar önümleri, işleri we hyzmatlary satmak bilen bag-lanyşykly çykdaýjylar haýsy hasabyň debeti boýunça görkezilýär? | 1<br>2<br>3<br>4 | 40 ”Taýýar önümler”<br>41 ”Harytlar”<br>42 ”Söwda goşundysy”<br>43 ”Täjirçilik çykdajylary” |
| 9. | Satylan önümleriň satyjy kärhana doly düşýän gymmaty nämelerden emele gelýär? | 1<br><br>2<br><br><br>3<br><br>4 | Önümiň önümçilige düşýän gymmaty + täjirçilik çykdajylary.<br>Önümiň önümçilige düşýän gymmaty+ satyn alnan gymmatlyklar boýunça goşulan baha üçin salgyt.<br>Önümiň önümçilige düşýän gymmaty+ söwda goşundysy.<br>Önümiň önümçilige düşýän gymmaty+umumy hojalyk çykdajylary - täjirçilik çykdajylary. |
| 10. | Önümleri satmakdan alnan peýda hasapda nähili ýazgy bilen görkezilýär? | 1<br><br><br>2<br><br><br>3<br><br><br>4 | Debet 51 “Hasaplaşyk hasaby”<br>Kredit 46 “Önümleri (işleri, hyzmatlary) ýerlemek”<br>Debet 46 “Önümleri (işleri, hyzmatlary) ýerlemek”<br>Kredit 80 “Peýdalar we zyýanlar”<br>Debet 80 “Peýdalar we zyýanlar”<br>Kredit 46”Önümleri (işleri, hyzmatlary) ýerlemek”<br>Debet 004 “Sataryna kabul edilen harytlar”<br>Kredit 80 “Peýdalar we zyýanlar” |

## 7-nji tema. Buhgalter hasabynyň belliknamalary we ýöredilişiniň görnüşleri

### Buhgalter hasabynyň ýöredilşiniň ýönekeýleşdirilen görnüşi.

### 7.1-nji mysal

**Mysalyň maksady**: hasap ýazgylarynyň sanlarynyň köp bolmadyk hojalyklarynda ulanylýan buhgalter hasabynyň ýöredilişiniň ýönekeýleşdirilen görnüşinde hasap belliknamalarynyň doldurylyş tertibini öwrenmek.

Aýyň başyndaky jemlenen hasaplaryň galyndylary we hasabat aýyndaky hojalyk amallary baradaky getirilen maglumatlaryň esasynda olary aşakdaky 7.3-nji tablisanyň görnüşi boýunça hojalyk amallarynyň hasap depderinde ýazgylary geçirmeli we indiki aýyň başyna galan galyndylary çykarmaly. Jemlenen hasaplar boýunça aýlanyşyk wedomostyny we aýyň birinji gününe balans düzmeli.

**Işleniş usuly:** 7.3-nji tablisanyň "Pul möçberi" sütüninde görkezilen hojalyk amallarynyň her biriniň pul möçberi şu setirde görkezilen hasaplaryň aragatnaşygyna laýyklykda bir hasabyň debeti we beýleki hasabyň krediti boýunça pul möçberine deň bolmalydyr. Şu düzgün mysal görnüşinde 7.3-nji tablisada getirilendir.

**Mysaly işlemek üçin maglumatlar:**

**I. "Goňur" täjirçilik kärhanasynyň jemleýji hasaplary boýunça 2008-nji ýylyň aprel aýynyň 1-ine galyndylar:**

*7.1-nji tablisa*

| Hasaplaryň san belgisi | Hasaplaryň ady | Pul möçberi (manat) | |
|---|---|---|---|
| | | debet | kredit |
| 01 | Esasy serişdeler | 601000 | |
| 41 | Harytlar | 144600 | |
| 50 | Kassa | 5000 | |
| 51 | Hasaplaşyk hasaby | 300800 | |
| 76 | Her hili algydarlar we bergidarlar bilen hasaplaşyklar | 56200 | |
| 70 | Zähmet haky boýunça hasaplaşyklar | | 91600 |
| 68 | Býujet bilen hasaplaşyklar | | 56600 |
| 69 | Durmuş ätiýaçlandyrmalary boýunça hasaplaşyklar | | 30200 |
| 85 | Esaslyk maýa | | 800000 |
| 88 | Ýörite maksatly gaznalar | | 129200 |
| Jemi | | 1107600 | 1107600 |

**II. 2008-nji ýylyň aprel aýyndaky hojalyk amallary**

*7.2-nji tablisa*

| T/b | Senesi | Ilkinji resminamalaryň ady we hojalyk amallarynyň mazmuny | Pul möçberi (manat) |
|---|---|---|---|
| 1. | 5.04. | 006412 belgili haryt-ulag üsthaty.<br>Haryt iberijilerden harytlar gelip gowuşdy | 160800 |
| 2. | 5.04. | Hasaplaşyk hasabyndan bankyň göçürmesi.<br>a) Alyjylardan pul serişdeleri geldi | 241000 |
| | | b) Kassa çek boýunça nagt pul alyndy<br>Jemi: | 96200 |

| | | | |
|---|---|---|---|
| | | Şol sanda: | |
| | | -zähmet hakyny bermek üçin | 91600 |
| | | -iş saparyna çykdajylar üçin | 4600 |
| | | ç) Ugradan harytlary üçin haryt iberijilere bergi üzmek üçin geçirilen pul | 100400 |
| | | d) Durmuş ätiýaçlandyryş we üpjünçilik edaralaryna bergi üzmek üçin geçirilen pul | 30200 |
| 3. | 5.04. | 17-nji hasaplaşyk-töleg wedomosty, 28-nji çykdajy kassa orderi. | |
| | | Işgärlere geçen aý üçin zähmet haky berildi | 91600 |
| 4. | 5.04. | 29-njy çykdajy kassa orderi. | |
| | | G.D. Durdyýewe iş saparynyň çykdajylary üçin hasabat bermek şerti bilen nagt pul berildi | 4600 |
| 5. | 21.04. | Hasaplaşyk hasabyndan bankyň göçürmesi. | |
| | | Salgytlar boýunça býujete bergileri üzmek üçin pul geçirildi | 56600 |
| 6. | 30.04. | Iş wagtyny peýdalanmagyň hasap tertibi, 10-njy hasaplaşyk wedomosty. | |
| | | Kärhananyň işgärlerine zähmet haky hasaplanyldy | 70800 |
| 7. | 30.04. | Zähmet hakynyň 20% möçberinde durmuş ätiýaçlandyrmasyna geçirilmeli puluň möçberi hasaplandy | 14160 |
| 8. | 30.04. | Kärhananyň işgärleriniň zähmet hakyndan girdeji salgydy tutuldy | 6400 |
| 9. | 30.04. | Kärhananyň işgärleriniň zähmet hakyndan ilatly ýerleri abadanlaşdyrmak üçin ýygym tutuldy | 640 |
| 10. | 30.04. | Esasy serişdeleriň könelmesi hasaplanylýan 6-njy wedomost. | |
| | | Esasy serişdeleriň könelen gymmaty hasaplanyldy | 6400 |
| 11. | 30.04. | 092970-121280 belgili haryt-ulag üsthatlary.14-21-nji hasap-fakturalar. | |
| | | Satylan we alyjylar tarapyndan tölenen harytlaryň satyn alnan gymmaty satylan hasabyna geçirildi | 144600 |
| 12. | 30.04. | Buhgalteriýanyň hasaplamasy. | |
| | | Satylan harytlara düşýän dolanyşyk çykdajylary satuw hasabyna geçirildi | 91360 |
| 13. | 30.04. | Goşulan baha üçin salgydyň hasaplamasy. | |
| | | 2008-nji ýylyň aprel aýy üçin tölemäge degişli goşulan baha üçin salgyt hasaplandy | 17352 |
| 14. | 30.04. | Buhgalteriýanyň güwanamasy. | |
| | | Hasabat aýyndaky peýda kesgitlenildi we hasapda görkezildi | 87688 |
| 15. | 30.04. | 2008-nji ýylyň aprel aýy üçin peýda salgydynyň hasaplamasy. | |
| | | Hasabat aýy üçin tölemäge degişli peýda salgydy hasaplanyldy | 17538 |

**“Goňur” kärhanasynyň**
**2008-nji ýylyň aprel aýy üçin hojalyk amallaryň hasabat depderi**

*7.3-nji tablisa*

| T/b | Resminama | | Amalyň mazmuny | Pul möçberi (manat) | 01 | | 02 | | 41 | | 44 | | 46 | | 50 | | 51 | | 60 | | We beýlekiler | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | | | Dt | Kt | Dt | Kt | Dt | Kt | Dt | Kt | Dt | Kt | Dt | Kt | Dt | Kt | Dt | Kt | Dt | Kt |
| | Senesi | Belgisi | 2008-nji ýylyň aprel aýynyň 1-ine galyndy | | 601000 | | | | 144600 | | | | | | 5000 | | 300800 | | | | | |
| 1 | 05.04. | 006412 | Haryt iberijilerden harytlar gelip gowuşdy | 160800 | | | | | 160800 | | | | | | | | | | | 160800 | | |
| 2 | … | … | …. | … | | | | | | | | | | | | | | | | | | |
| | | | 2008-nji ýylyň aprel aýyndaky aýlanyşyk | | | | | | | | | | | | | | | | | | | |
| | | | 2008-nji ýylyň maý aýynyň 1-ine galyndy | | | | | | | | | | | | | | | | | | | |

**7.2-nji mysal**

**Mysalyň maksady:** buhgalter hasabynyň ýönekeýleşdirilen görnüşindäki esasy belliknamalar bilen iş endigini berkitmek.

Hojalyk amallarynyň hasap depderinde getirilen hasaplaryň aragatnaşyklarynyň esasynda hojalyk amallarynyň mazmunyny kesgitläp, 3-nji sütünde ýazmaly.

**Mysal işlemek üçin maglumatlar:**

*7.4-nji tablisa*

**2008-nji ýylyň maý aýyndaky hojalyk amallarynyň hasap depderi**

| T/b | Senesi | Hojalyk amallarynyň mazmuny | Pul möçberi (manat) | 10 | | 20 | | 51 | | 60 | | 68 | | 70 | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | | Dt | Kt | Dt | Kt | Dt | Kt | Dt | Kt | Dt | Kt | Dt | Kt |
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 | 7 | 8 | 9 | 10 | 11 | 12 | 13 | 14 | 15 | 16 |
| | | 01.05. 2008ý. Galyndy | | | | | | 161000 | | | | | | | |
| 1. | 04.05. | | 81600 | 81600 | | | | | | | 81600 | | | | |
| 2. | 06.05. | | 61000 | | | | | | 61000 | 61000 | | | | | |
| 3. | 10.05. | | 21600 | | 21600 | 21600 | | | | | | | | | |
| 4. | 30.05. | | 30400 | | | 30400 | | | | | | | | | 30400 |
| 5. | 30.05. | | 2000 | | | | | | | | | | 2000 | 2000 | |
| | | Aýdaky aýlanyşyk | 196000 | 81600 | 21600 | 52000 | - | - | 61000 | 61000 | 81600 | - | 2000 | 2000 | 30400 |
| | | 01.06. 2008ý. Galyndy | | 60000 | - | 52000 | - | 100000 | - | - | 20600 | - | 2000 | - | 28400 |

**7.3-nji mysal**

**Buhgalter hasabynyň memorial-order* görnüşi.**

**Mysalyň maksady**: buhgalter hasabynyň memorial-order görnüşindäki belliknama-larynda hasap ýazgylarynyň tertibini öwrenmek.

7.1-nji mysalyň maglumatlaryny peýdalanyp memorial-orderleri, memorial-orderleriň bellik depderini, Baş depderi (her hasaba birini), şeýle hem aýlanyşyk wedomostyny düzmeli:

Memorial-order

2008-nji ýylyň ____________________ aýy üçin

| Ýazgynyň mazmuny | Hasaplaryň aragatnaşygy | | Pul möçberi (manat) |
|---|---|---|---|
| | Debet | Kredit | |
| | | | |
| Hemmesi | | | |

Bellik depderi

2008-nji ýylyň ____________________ aýy üçin

| Memorial-orderleriň belgisi | Senesi | Pul möçberi (manat) |
|---|---|---|
| | | |
| Jemi | | |

Baş depder

Hasap______________________

Debet Kredit

| Memorial orderiň belgisi | Hasaplaryň kreditinden | | | | | | Debet boýunça jemi | Hasaplaryň debetine | | | | | | Kredit boýunça jemi |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | | | | | | | | | | | | |
| | 01______200__ ýyla galyndy | | | | | | | | | | | | | |
| | | | | | | | | | | | | | | |
| | | | | | | | | | | | | | | |
| | | | | | | | | | | | | | | |
| | | | | | | | | | | | | | | |
| | | | | | | | | | | | | | | |
| | | | | | | | | | | | | | | |
| | | | | | | | | | | | | | | |
| | | | | | | | | | | | | | | |
| | 01______200__ ýyla galyndy | | | | | | | | | | | | | |

**Mysaly işlemegiň usuly boýunça görkezme**

Ýumşy ýerine ýetireniňde her bir hojalyk amalyny diňe bir memorial orderde görkezmelidir. Hojalyk amallaryny memorial orderlerde ýazanyňdan soňra olardaky

- Memorial –ýatlama, order-ygtyýar, buýruk

umumy jemi hasaplamalydyr, jemlemelidir. Mysaly işlemek üçin, şu aşakdaky memorial orderleri açmaklyk maslahat berilýär:

№ 1 – kassa amallarynyň hasaby boýunça;

№ 2 – hasaplaşyk hasaby boýunça amallaryň hasaby üçin;

№ 3 – harajatlaryň (dolanyşyk çykdajylarynyň), zähmet haky boýunça amallaryň hasaby üçin;

№ 4–maddy gymmatlyklaryň (harytlaryň), olaryň ýüklenişiniň, satylyşynyň, maliýe netijeleriniň we olaryň paýlanylyşynyň hasaby boýunça.

Her jemlenen hasap boýunça Baş depderde memorial orderleriň maglumatlarynyň esasynda ýazgylar şunuň ýaly geçirilýär: memorial orderiň belgisi, hasabyň debeti we krediti boýunça jemi möçberler aragatnaşykdaky hasaplar boýunça görkezilýär. Hemme memorial orderlerdäki maglumatlary her bir jemlenen hasap boýunça ýazanyňdan soňra, indiki aýyň birinji gününe soňky galyndy (saldo) kesgitlenilýär. Hasap ýazgylarynyň dogrulygyny barlamak maksady bilen Baş depder boýunça galyndylary, aýlanyşyklary jemlenen hasaplar boýunça aýlanyşyk wedomosty bilen deňeşdirilýär. Aýlanyşyk wedomostyndaky ähli hasaplar boýunça aýlanyşyklar “Bellik depderindäki” ýazgylaryň jemine deň bolmalydyr.

**7.4-nji mysal**

**Hasabyň žurnal-order görnüşi**

**Mysalyň maksady: b**uhgalter hasabynyň žurnal-order görnüşindäki hasap belliknamalarynyň, ýagny kassa depderiniň (kassiriň hasabatynyň), 1-nji žurnal-orderiň, 1-nji wedomostyň we 50 “Kassa” hasaby boýunça Baş depderiň doldurylyş tertibini öwrenmek.

Aşakda getirilýän maglumatlaryň esasynda kassa depderine aýyň başyndaky galyndyny we hasabat aýyndaky hojalyk amallaryny geçirilen seneleri boýunça ýazmaly. 1-nji žurnal-orderi we 1-nji wedomosty açmaly we olarda kassiriň hasabatynyň esasynda amallary ýazgy etmeli.

**Mysaly işlemegiň usuly boýunça görkezme**

Kassa depderini kassa amallarynyň amala aşyrylan senelerine laýyklykda, günüň başyndaky we güniň soňundaky galyndylary görkezip doldurmalydyr

**Kassa depderiniň bir kagyzynyň görnüşi:**

**Kassa depderi**

Kassa “______ ” _______________ 2008ý. Kagyz ___

| Resminama-nyň belgisi | Kimden alyndy ýa-da kime berildi | Aragatnaşykdaky hasabyň belgisi | Girdeji | Çykdajy |
|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 |
| | Günüň başyndaky galyndy | | | x |
| | | | | |
| | | | | |
| | Günüň ahyryndaky galyndy | | | |
| | Şol sanda zähmet haky üçin | | | x |

Aýyň başyndaky pul serişdeleriň galyndysy we 50 “Kassa” hasabynyň debeti boýunça amallar kassiriň hasabatyna laýyklykda 1-nji wedomostda ýazylýar. 1-nji wedomostyň görnüşi aşakda getirilýär.

50 “Kassa” hasabynyň krediti boýunça kassa amallary, 1-nji žurnal-orderde ýazylýarlar. 1-nji žurnal-orderiň görnüşi aşakda getirilýär.

Kassiriň her hasabatyna 1-nji žurnal-orderde we 1-nji wedomostda aýratyn bir serir berilýär.

Barlag maksady bilen şu belliknamalarda näçe setir bar bolsa, edil şonça hem kassiriň hasabaty bolmalydyr.

1-nji žurnal-orderiň we 1-nji wedomostyň bir aýdaky maglumatlarynyň jeminiň esasynda kassadaky pul serişdeleriniň soňky galyndysy (saldosy) çykarylýar. Ol 1-nji wedomostda görkezilýär we Kassa depderindäki aýyň iň soňky gününiň ahyryna galan galyndy bilen deňeşdirilýär.

Baş depdere ýazgylar 1-nji žurnal-orderiň jemleýji maglumatlarynyň esasynda, pul serişdeleriniň galyndysy bolsa 1-nji wedomostyň esasynda geçirilýär.

**1-nji wedomot**

50 “Kassa” hasabynyň debeti boýunça

_____________ 2008 ____ ýylyň __________________ aýy üçin

(Kärhana)

Aýyň başyndaky galyndy _______________manat

| Ýazgynyň belgisi | Senesi | 50-nji hasabyň debetine beýleki hasaplaryň kreditinden | | | | | | | | 50-nji hasabyň debeti boýunça jemi |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | 46 | 51 | 52 | 55 | 71 | 76 | 73 | we ş.m. | |
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 | 7 | 8 | 9 | 10 | 11 |
| | | | | | | | | | | |
| | | | | | | | | | | |
| | Jemi | | | | | | | | | |

Aýyň ahyryndaky galyndy ________________manat

**1-nji žurnal-order**

50 “Kassa” hasabynyň krediti boýunça

____________ 2008 ____ ýylyň ___________________ aýy üçin

(Kärhana)

| Ýazgy-nyň belgisi | Senesi | 50-nji hasabyň kreditinden beýleki hasaplaryň debitine | | | | | | | | 50-nji hasabyň krediti boýunça jemi |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | 51 | 70 | 71 | we ş.m. | | | | | |
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 | 7 | 8 | 9 | 10 | 11 |
| | | | | | | | | | | |
| | | | | | | | | | | |
| | | | | | | | | | | |
| | | | | | | | | | | |
| | Jemi | | | | | | | | | |

## Baş kitap

Hasap____________________________
san belgisi, ady

| Aý | Debet boýunça aýlanyşyk | | | | | | Galyndy | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | ___-nji hasabyň kreditinden __-nji žurnal-order boýunça | ___-nji hasabyň kreditinden __-nji žurnal-order boýunça | ___-nji hasabyň kreditinden __-nji žurnal-order boýunça | ___-nji hasabyň kreditinden __-nji žurnal-order boýunça | Jemi | K-t boýunça aýlanyşyk-jemi | D-t | K-t |
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 | 7 | 8 | 9 |
| | | | | | | | | |
| | | | | | | | | |

### Mysaly işlemek boýunça maglumatlar:

1. 2008-nji ýylyň 1-nji noýabrynda kassadaky pul serişdeleriniň galyndysy 300 manat.
   Kassada saklamaly puluň aňry çägi 500 manat.
2. 2008-nji ýylyň noýabr aýynda kassadaky pul serişdeleriň hereketi boýunça hojalyk amallary.

| T/b | Sene | Resminama we hojalyk amallarynyň mazmuny | Jemi, manat |
|---|---|---|---|
| 1. | 5.11.2008ý. | 35-nji girdeji kassa orderi.<br>Hasaplaşyk hasabyndan 675446 belgili çek boýunça kassa pul alyndy<br>Jemi<br>Şol sanda:<br>Zähmet hakyny tölemek üçin<br>Hojalyk çykdajylary üçin | <br><br><br>80000<br><br>79500<br>500 |
| 2. | 5.11.2008ý. | 41-nji çykdajy kassa orderi. 33-nji töleg wedomosty.<br>Işgärlere oktýabr aýynyň zähmet haky berildi | 79500 |
| 3. | 5.11.2008ý. | 42-nji çykdajy kassa orderi.<br>D.Amanowa iş sapary üçin pul berildi | 500 |
| 4. | 20.11.2008ý. | 36-njy girdeji kassa orderi.<br>Işgärlere hakujy tölemek üçin hasaplaşyk hasabyndan 675447 belgili çek boýunça pul alyndy | 36000 |
| 5. | 20.11.2008ý. | 43-nji çykdajy kassa orderi. 34-nji töleg wedomosty.<br>Işgärlere noýabr aýy üçin hakujy berildi | 36000 |
| 6. | 31.11.2008ý. | 37-nji girdeji kassa orderi.<br>H.Meredowdan hasabat berilmeli puluň harçlanmadyk galyndysy kabul edildi | 50 |

**7-nji tema boýunça bilimiňi özbaşdak barlamak üçin sorag-jogaplar (barlagnamalar)**

| T/b | Sorag | T/b | Jogaplar |
|---|---|---|---|
| 1. | Buhgalter hasabynyň görnüşleri - bu: | 1.<br>2.<br>3.<br>4. | Buhgalter hasabynyň belliknamalarynyň toplumy.<br>Maglumatlary işlemekligiň tilsimatlarynyň prosesidir.<br>Maglumatlary bellige almaklygyň yzygiderliligidir.<br>Düzüm bölekleriniň ulgamy, olaryň ilkinji resminamalar bilen aragatnaşygy, şeýle hem hasap maglumatlarynyň netijelerini almaklygyň (tabşyrmaklygyň) usullarydyr. |
| 2. | Buhgalter hasabynyň belliknamalary ýazgylaryň hasaba alnyş yzygiderlilik alamaty boýunça şu aşakdakylara bölünýär: | 1.<br>2.<br>3.<br>4. | Wagt yzygiderligi (hronologiki) we ulgamlaýyn (amala aşyrylan wagtlary we tertipleýin).<br>Jemlenen we jikme-jik.<br>Jemlenen we amala aşyrylan wagtlary.<br>Amala aşyrylan wagtlary we jikme-jik. |
| 3. | Buhgalter hasabynyň belliknamalary maglumatlaryň umumylaşdyrylan derejeleri boýunça şu toparlara bölünýärler: | 1.<br>2.<br>3.<br>4. | Ulgamlaýyn we jikme-jik.<br>Jemlenen we amala aşyrylan wagtlary.<br>Jikme-jik we jemlenen.<br>Amala aşyrylan wagtlary we jikme-jik. |
| 4. | Buhgalterk hasabynyň belliknamalary daşky görnüşleri boýunça şu toparlara bölünýärler: | 1.<br>2.<br>3.<br>4. | Depderler, perfokartalar, žurnallar.<br>Kartoçkalar, aýry-aýry kagyzlar, depderler.<br>Depderler, magnit lentalary, kartoçkalar.<br>Depderler, kartoçkalar, aýratyn kagyzlar, perfokartalar, magnit diskleri. |
| 5. | Hasap belliknamalarynda ýalňyşlar ýüze çykýarlar: | 1.<br>2.<br>3.<br>4. | lokallaýyn we işgäriň harsallylygy sebäpli.<br>Işgäriň harsallygy we hasaplaýjy tehnikanyň bozuklygy sebäpli.<br>lokallaýyn we tranzitleýin.<br>Tranzitleýin we sanlaýyn. |
| 6. | Jemlenen hasaplaryň debetdäki we kreditdäki aýlanyşyklarynyň deň çykmazlygy boýunça ýalňyşlaryň ýüze çykarylyşy: | 1.<br>2.<br>3.<br>4. | Saýlaşdyrmak usuly bilen.<br>Gyzyl ýazgy usuly bilen.<br>Hersiniň gapdalyna toýnujak goýmak usuly bilen (punktirowka).<br>Çyzmak usuly bilen (korrektura). |
| 7. | Žurnal-orderleriň gurluşlarynyň esasyna goýlan alamat: | 1.<br>2.<br>3.<br>4. | Erkin.<br>Debetleýin.<br>Kreditleýin.<br>Garyşyk. |
| 8. | Žurnal-orderlerde jemlenen we jikme-jik hasaplar boýunça ýazgylar şu usullar bilen utgaşdyrylýar: | 1.<br>2.<br>3.<br>4. | Şahmatlaýyn.<br>Setirleýin.<br>Garyşyk.<br>Setirleýin-pozisiýaly, şahmatlaýyn-garyşyk. |

| | | | |
|---|---|---|---|
| 9. | Buhgalter hasabynyň memorial-order görnüşinde esasy belliknama haýsydyr? | 1.<br>2.<br>3.<br>4. | Baş žurnal.<br>Baş depder.<br>Memorial-order.<br>Žurnal-order. |
| 10. | Buhgalter hasabynyň žurnal--order görnüşinde haýsy belliknama esasydyr? | 1.<br>2.<br>3.<br>4. | Baş žurnal.<br>Žurnal-order.<br>Memorial-order.<br>Baş depder. |

## 8-nji tema. Buhgalter hasabynda ilkinji gözegçilik

**Mysallaryň maksady:** buhgalter hasabyny ýöretmek üçin esas bolup durýan resminamalar bilen tanyşmak, olary öz eliň bilen doldurmak we dürli häsiýetler boýunça toparlara bölüşdirip öwrenmekdir. Hasabyň maglumatlarynyň dogrulygyny barlamak we ynamdarlygyny üpjün etmek üçin geçirilýän tükelleme usulyny öwrenmek, onuň haýsy ýagdaýlarda hökman we kim tarapyndan, nähili geçirilýändigini, netijeleriň hasapda görkezilişini öwrenmekdir.

### 8.1-nji mysal

Ilkinji resminamalary toparlara bölmek.

**Mysalyň maksady:** ilkinji resminamalaryň toparlara bölünişini özleşdirmek.

Aşakda getirilen resminamalaryň sanawynyň esasynda olary aşakdaky görnüşli tablisa laýyklykda toparlara bölmeli.

*8.1-nji tablisa*

| Resminamalaryň atlary | Bölünýän toparlary | | | |
|---|---|---|---|---|
| | Buýruk beriji | Ýerine ýetiriji (aklaýjy) | Buhgalteriýada doldurylýan | Utgaşdyrylan |
| | | | | |

Resminamalar haýsy topara degişli bolsa, degişli sütünde "+" belgisi bilen bellenilýär.

**Mysal işlemek üçin maglumatlar:**

1. Material gymmatlyklary almaga ynanç haty.
2. Materiallary kabul ediş ykrar haty.
3. Işe kabul etmek barada buýruk.
4. Girdeji kassa orderi.
5. Esasy serişdeleri kabul ediş ykrar haty.
6. Materiallary almak üçin talapnama.
7. Töleg tabşyrygy.
8. Hasabat bermeli adamynyň hakujy hasabaty.
9. Zähmet hakyny hasaplaýyş wedomosty.
10. Alyp-satmaklyk şertnamasy.
11. Tükelleýiş toparyny döretmek baradaky buýruk.
12. Esasy serişdeleriň ulanyş tutumlaryny hasaplanyş wedomosty.
13. Iş wagtyny hasaba alyş tabeli.
14. Çykdajy kassa orderi.
15. Umumy hojalyk çykdajylaryny paýlamaklygyň hasaplanyş güwä haty.
16. Hasap-faktura.

### 8.2-nji mysal

**Mysalyň maksady:** ilkinji resminamalara haýsy wezipedäki adamlaryň gol çekýändigini bilmeklik.

**Mysal işlemek üçin maglumatlar:**

**I. Kärhananyň wezipeli adamlarynyň sanawy:**

1. Kärhananyň ýolbaşçysy.
2. Baş hasapçy.

3. Baş konstruktor.
4. 1-nji sehiň başlygy.
5. Materiallar ambarynyň ambar müdiri.
6. Kassir.
7. 1-nji sehiň brigadiri.
8. 1-nji sehiň mehanigi.
9. Dispetçer bölüminiň müdiri.
10. Zähmet we iş haky bölüminiň müdiri.

Şu aşakdaky resminamalara ýokarda görkezilen wezipeli adamlaryň haýsylary gol çekmäge borçludyrlar (tertip belgilerini goýuň):
Girdeji kassa orderi: ________________________________________________

1-nji sehden stanogy hasapdan öçüriş ykrar haty: ____________________________

Býujete salgytlary geçirmäge töleg tabşyrygy: ______________________________

Materiallary almak üçin talapnama: _____________________________________

**II. Aýratyn gymmat we gyt materiallary bermäge kimler gol çekmeli (hödürlenýän sanawdan saýlaň):**
1. Kärhananyň ýolbaşçysy.
2. Baş hasapçy.
3. Ammara jogapkär.
4. Kassir.
